# BITARAPLYK  SYÝASATYNYŇ TARYHY

Aşgabat –2010

**© Hojaberdi Çakanow. Bitaraplyk syýasatynyň taryhy. Ýokary okuw mekdepleriniň syýasaty öwreniş hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy.**

**Dünýä taryhy kafedrasynyň dosenti A. Sähetmyradowyň ylmy redaksiýasy bilen.**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**© Hojaberdi Çakanow.**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

# GIRIŞ

Türkmenistan öz Garaşsyzlygyny 1991-nji ýylda gazandy. Häzir ýurdumyz ynamly öňe barýar, syýasy ýagdaý durnukly, ykdysadyýet ilerleýär. Dünýä banky we Aziýanyň Ösüş banky ýaly garaşsyz halkara maliýe guramalary hatda örän talabedijilikli baha bermek bilen ýurtda ykdysady ösüşiň depginleriniň ýokarydygyny we durnuklydygyny belleýär. Şu gün biz geçen on dokuz ýylyň içinde döwletimiz tarapyndan amala aşyrylýan tapgyrlaýyn ilerleýji özgertmeler netijesinde uly ösüşlere eýe boldyk diýip bileris. Şu döwürde köp meseleler çözüldi, ýagny azyk garaşsyzlygy we howpsuzlygy üpjün edildi hem-de kämil döwlet dolandyryş edaralary döredildi. Ýüzlerçe kärhana, ýokary okuw mekdepleriniň binalary, teatrlar,mekdepler,hassahanalar,çagalar baglary,ýaşaýyş jaýlary we beýleki desgalar guruldy.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy edara edip gelýan üç ýylynyň içinde döwletiň daşary syýasatynda täze, okgunly stil, hususanda, Türkmenistanyň dünýa syýasatynda özüne mynasyp orun eýelemäge jan edýändigi mese-mälim äşgär boldy. Ýurduň Prezidenti milli bähbitleri berk goraýan we sebitde parahatçylygy,howpsuzlygy hem-de durnuklylygy pugtalandyrmak üçin aýgytly ädimler ädýän uzakdan göriji strateg we pragmatik, taktik hökmünde halkara arenasynda giň meşhurlyk gazandy.

Halkara jemgyýeti Hormatly Prezidentimiziň reformatorçylyk işine ýokary baha berýär,onuň ýöredýän, bitaraplyga esaslanýan netijeli daşary syýasat ugruny goldaýar. Belli halkara žurnaly “Ekowitriniň ” öz okyjylarynyň arasynda geçiren sowallarynyň jemleri boýunça Gurbanguly Berdimuhamedowy yklymyň ajaýyp döwlet we syýasy işgärleriniň hataryna goşmagy tötänden däldir. Oňa birnäçe

daşary ýurt döwletleriniň iň ýokary döwlet sylaglarynyň gowşyrylmagy Türkmenistanyň Prezidentiniň dünýä ýurtlary we halklary bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek barada amala aşyrýan aýgytly hereketleriniň hakyky ykrarnamasydyr we gyzgyn goldanylmagydyr. Döwletiň milli bähbitlerinden we onuň ösüşiniň uzakmöhletleýin maksatlaryndan gelip çykýan meýletin ,deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň dünýäniň ähli ýurtlary bilen özara gatnaşyklarynyň esasyny düzýär. Türkmenistan dünýäniň 129 ýurdy bilen ilçi gatnaşyklaryny alyp barýar. Şol bir wagtda Türkmenistan beýleki döwletler bilen hem diplomatik gatnaşyklary giňeldýär. 2007-2010-njy ýyllarda Azerbaýjan Respublikasynda, Saud Arabystany Patyşalygynda öz ilçihanalaryny açdy. Müsürde, Ysraýylda, Italiýada, Kubada, Litwada, Şweýsariýada hem Türkmenistanyň ilçileri bellenildi. Halkara bileleşigi bilen netijeli hyzmatdaşlyk etmek Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygynyň ösmegine we onuň beýleki döwletler bilen ykdysady gatnaşyklarynyň giňelmegine oňaýly täsir edýär. 2007-2009-njy ýyllarda Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygy ABŞ-nyň 17,6 milliard dollaryna barabar boldy. Eger-de 2007-nji ýylda söwda-ykdysady gatnaşyklar ýurdymyzy 83 döwlet bilen baglanyşdyran bolsa, ol 2009-njy ýylda 96 ýurt bilen baglanyşdyrdy.

Türkmenistan 2009-nji ýylda dünýäniň dürli döwletleri bilen söwda-ykdysady babatda we medeni ugurlarda hyzmatdaşlyk babatda dostlukly gatnaşyklaryny ösdürdi we abraýly halkara guramalarynyň 40-dan gowragynyň hatarynda hormatly agzalykda durdy, 109 halkara konwensiýalaryna we ylalaşyklaryna gatnaşdy. Diňe 2009-njy ýylda Türkmenistan halkara resminamalarynyň 10-syna goşuldy.

Soňky üç ýyl – Türkmenistanyň daşary syýasat babatynda Ýewropa ugruna üýtgewsiz eýerýändigini we Ýewropa ýurtlarynyň biziň ýurdumyza bolan ýokary

gyzyklanmalaryny görkezdi. Bu babatda Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň noýabrynda Belgiýa Patyşalygyna, 2008-nji ýylyň noýabrynda Germaniýa Federatiw Respublikasyna, 2009-njy ýylyň noýabrynda Italiýa Respublikasyna, 2010-njy ýylyň fewralynda Fransiýa Respublikasyna bolan saparlarynyň çäklerinde möhüm ugurlar boýunça ylalaşyklar gazanyldy.

## Tema: XX asyrda hemişelik bitarap institutynyň ösüş taryhy.

1919-njy ýylyň Iýul aýynyň 28-ne Wersal parahatçylyk şernamasynyň 100-108 maddalarynyň esasynda uly döwletler Milli liganyň agalyk etmeginde Dansing erkin şäherini döretmäge boýun boldylar. Dansing şäheriniň halkara kanuny ýagdaýy diňe bir Wersal şertnamasynda kabul edilmän 1920-nji ýylyň Noýabr aýynyň 9-na we 1921-nji ýylyň Oktýabr aýynyň 24-ne, şeýle hem şolara goşmaça Dansing bilen Polşa şäheriniň arasyndaky ylalaşyklarda, Milli liganyň, Dansing Kamissarlarynyň ylalaşyklarynda Dansing konstitusiýasy kabul edildi. Mysal üçin, Dansing Konstitusiýasynyň 5-nji maddasynda şeýle ýazylýar: “Dansing şäheri Milli liganyň rugsady bolmasa beýleki döwletler üçin gury ýer we suw güýçlerini ýerlişdirer ýaly, şeýle hem ol ýerde ok- ýarag taýýarlaýan ýer bolup bilmez.

Şeýlelikde 1921-nji ýyldan Milli Liganyň soweti Dansing şäherinde Peru üçin 50-müň tümen taýýarlamagy gadagan etdi.

Dansing erkin şäheriň işi I Jahan uruşyna çenli dowam etdi.

XX asyryň başlarynda hemişlik bitaraplyk döwletleri döretmek üçin birnäçe synaglar edildi.

1907-nji ýylda 5 sany Merkezi Amerika döwletleriň baglaşan şertnamasy boýunça Ganduras döwleti özüniň

geografiki ýerleşişine görä hemişelik bitarap döwlet diýip jar edildi, emma Ganduras 1918-nji ýylda I Jahan uruşyna gatnaşdy.

1913-nji ýylda hemişelik bitarap döwlet hökmünde özüni Albaniýa jar etdi, emma bir ýyldan soňra bitaraplyk kanunlaryny bozdy.

1920-nji ýylda Estoniýa bilen Sowet Russiýasynyň arasynda ylalaşyk baglanyşyldy. Şol ylalaşygyň 5-nji maddasynda Estoniýa halkara şertnama esasynda Estoniýa bitarap döwlet hökmünde jar edilse onda ony goldamak barada Sowet hökimeti boýun aldy. Emma 1940-njy ýylda Sowet goşunlary Estoniýany basyp aldylar.

1940-njy ýyla çenli özüniň bitaraplygyny jar eden Islandiýa döwleti özüniň bitaraplygyny saklajak bolup dyrjaşdy.

I Jahan uruşyndan soň, hemişelik bitaraplyk instituty täzeden ösdi. Hemişelik bitarap döwletler parahatçylyk zonasynda döreýän faktor bolup, parahatçylygy berkitmekde uly rol oýnaýar.

I Jahan urşyndan soň Awstriýa döwleti SSSR-iň ABŞ-nyň Angliýanyň we Fransiýanyň zulmunyň astynda galdy. Diňe 10 ýyldan soňra, 1955-nji ýylyň 15-nji Maý aýynda SSSr, ABŞ, Angliýa, Fransiýa we Awstriýa öz aralarynda döwlet şertnamasyna gol çek,ek bilen täzeden Garaşsyz demokratik döwlet hökmünde ykrar etdiler. Öň 1955-nji ýylyň 15-nji Aprel aýynda Moskwada Awstriýa bilen SSSR-iň arasynda, Awstriýanyň Şwesiýa ýaly hem bitaraplygyny almak barada ylalaşyk geçirildi. Awstriýa dünýa ýüzünde hem bitarap döwletini doly jar etmek ugrunda dyrjaşjakdygyny aydypdy.

1955-nji ýylyň Oktýabr aýynyň 26-na Awstriýanyň paýtagt parlamenti bitaraplyk barada federal Konstitusion kanuny kabul etdi. Şol kanunda hem Awstriýanyň, mundan beýläk harby bloklara birleşiklere girmejekligi, özüniň

territoriýasyna harby bazalary gurmaga rugsat bermejekligi aýdylypdy.

1955-nji ýylyň Dekabr aýynyň 6-na SSSR, Fransiýa, Angliýa we ABŞ Awstriýany hemişelik bitarap döwlet hökmünde jar etdiler.

## Tema: Hemişelik bitarap döwletleriň hukuklary we borçlary.

Hemişelik Bitarplyk syýasaty barada düşünje bu örän giň düşünje bolup, ol diňe uruş döwründe däl, eýsem, parahatçylyk döwründe hem amala aşyrýar.

Hemişelik bitaraplyga alymlar dürli kesgitlemeleri berýärler. Mysal üçin: Fransuz sözlüginde şeýle ýazylýar:“Hemişelik Biatarplyk-munuň özi Biatap döwlete ýuridiki we syýasy ýagdaýda hemişe döwlet aralaryndaky urşa gatnaşmagy gadagan edýär“.

Angliýaly alymyň beren kesgitlemesinde şeýle diýilýär: „Hemişelik Bitaraplygy alan döwletiň garaşsyzlygy we eldegirilmesizligi halkara şertnamasynyň esasynda üpjün edilen, emma ol muňa derek hiç bir döwletiň garşysyna uruş başlamaly däl, zerur goranyş bolaýmasa, hiç bir dölwlet bilen uruşmaly däl hem-de netijesi döwletara urşa eltip biljek gytaklaýyn işlere goşulmaly däl“.

Bitaraplygyň şunuň ýaly görnüşlerini aýtmak bolýar: Hemişelik Biatarplyk – munuň özi halkara hukuk şertnamalaryň görkezmeleri esasynda döwletleriň arasyndaky uruşlara zerur goranyş bolaýmasa gatnaşmaly däl, özüniň territoriýasynda harby bazalary ýerleşdirmeli däl, netijesi urşa eltip biljek ykdysady we syýasy gatnaşyklary etmeli däl. Özüniň gaşunyny köpçülikleýin gyryş ýaragy bilen ýaraglandyrmaly däl, hem-de hemişe parahatçylygyň goldawçysy hökmünde çykyş edip durmaly.

Hukukçylar hemişelik Bitarap döwletleriň birnäçe hukularyny we borçlaryny görkezýär. Awstriýaly hukukçy Ferdrosse hemişelik Bitarap döwlet bolmak üçin 5 sany häsiýediň hökmandygyny aýdýar:

1. Uruş döwründe Hemişelik Bitaraplyk döwletiniň kada-kanunlaryny berjaý etmeli.
2. Hemişelik bitarap döwlet ýaraglanan döwlet bolmaly, özüniň harby goşuny bar bolmaly.
3. Parahatçylyk döwründe hemişelik bitarap döwletler urşa eltip biljek hereketleri etmeli däldir.
4. Bitarap döwletler özleriniň hemişelik bitaraplygyna kepil berilmegini sorap bilerler.
5. Bitarap döwletlerde aňyýet taýdan hiç-hili borçlar bolmaly däldir.

Elbetde hemişelik Bitarap döwletiň uruş döwründe uruşýan döwletleriň aralaryndaky urşa gatyşmazlygy bu esaslaryň biri bolup durýar. Hemişelik bitarap döwletiň beýleki bir döwlete uruş yglan etmegi onuň bitaraplygyny güýçden gaçyrýar, ýöne hemişelik bitarap döwlet zerur goranyşda özüniň güýçlerini ulanyp bilýär.

Hemişelik Bitarap döwletler uruş döwründe uruşa hiç-hili gatnaşmaly däldir we 1907-nji ýyldaky Gaagadaky hem-de beýleki birnäçe halkara şertnamalarda kabul edilen talaplary berjaý etmelidirler.

Hemişelik Bitarap döwlet parahatçylykly döwürde netijesi urşa getirmeýän syýasaty alyp barmaly. Munuň ýaly syýasaty alyp barmak diňe şol döwlet harby bloklara, birleşiklere girmeýän bolsa, özüniň territoriýasyny uruşýan döwletlere ýarag saklamak hem-de öndürmek üçin bermesizlik mümkindir.

## Tema: II Jahan uruşyndan soňky oňyn bitaraplyk syýasaty we onuň aýratynlygy.

II Jahan uruşyndan soň bitaraplyk düşünjesiniň many–mazmunynda uly özgerişlikler boldy. Düşünjelerde halkara gatnaşyklaryň ösüşiniň umumy ýagdaýy bilen baglanyşyklydyr, dünýä baknalayk ulgamy dargady we ýüzden gowrak Garaşsyz döwletler emele geldi. Hindistan 1947-nji ýylda ilkinji bolup Garaşsyzlygyny aldy. Şonuň bilen 1960-njy ýyllara çenli Aziýanyň ähli kontinentinde hemme döwletler öz garaşsyzlygyny aldylar. Diňe Afrika kontinentiniň özünde 1955-1965- nji ýyllarda 34 sany täze döwlet döredilýär.

Ỳöne şol bir wagtda dünýä syýasatynda iki dünýä ulgamynyň garşylykly durmasy döredilýär. 1949-njy ýylda Beýik Britaniýanyň premýer-ministri Uinston Çerçel Amerikanyň Fulton şäherinde çykyş edýär, şol çykyşda ol hemme kopitalistik döwletleri SSSR-e garşy uruşa çagyrýar, ol şeýle diýýär: „Kommunizim dünýa ýaýrap barýar, komunizimiň ýaýramagyna biz birleşip garşy durmaly . Demir tutyny asmaly“. Şonuň bilen 1951-nji ýylda NATO harby bileleşigi döredilýär. Şoňa jogap ýaly bolup 1958-nji ýylda sosialistik döwletler tarapyndan Warşawa harby bileleşigi döredilýär. Halkara gatnaşyklarda sowuk urşy başlanýar we dünýä ýaýraýar. Bu dünýa garşydaşlyk hemme döwletlere degjek bolup, hemmesini urşa çekjek bolup jan edýärdi.

Täze garaşsyz döwletleriň „sosialistik ýa-da kapitalistik“ ýollaryň haýsyndan gitmek, saýlamakda, ägirt döwletleriň arasyndaky çekeleşikli göreşe getirmegi mümkindi. Her bir uly döwlet we biri-birine garşy durýan döwletleriň ulgamy öz tarapyndan täze-täze döwletleri goşmaklyga ymtylýardylar. Mysal üçin: 1949-njy ýylyň Ýanwar aýynyň 20-ne Delide (Indiýa) geçen Aziýa we golaý Gündogar döwletleriň konferensiýasynda ABŞ we Angliýa harby toparlanyşyk döretmeklige we oňa Hindistany, Owganystany, Birmany,

Siriýany, Ỳemeni we başgalary goşmaga synanyşdy. 1951-nji ýylyň Oktýabr aýynyň 14-ne ABŞ, Fransiýa, Türkiýe resmi halda Müsüre, Siriýa, Liwana, Yraga, Saud Arabystana we beýleki döwletlere NATO bilen baglanyşyga çagyrdylar. Emma Garaşsyz döwletler hiç bir harby birleşmä girmejekligini, bitaraplyk syýasatyna wepaly bolup galjaklygyny aýtdylar.

Öz gezeginde SSSR garaşsyz döwletleriň ugruny goldady. 1960-njy ýylda Kommunistik we işçi partiýalaryň maslahatynda urşa garşy göreşýän döwletleri we parahatçylygy saklamaga ymtylýan täze döwletleri goldady.

1961-nji ýylda Ỳugoslawiýanyň paýtagty Belgrad şäherinde hiç bir harby birleşige girmedik we bitaraplyk syýasatyny geçirjek döwletler özüniň birinji konferensiýasyna ýygnandylar hem-de bitarap döwletleriň guramasyny döretdiler. Oňa goşulmazlyk hereketi diýip at berildi. Aziýa Afrika, Latyn Amerika hem-de Ỳugoslawiýa oňa girdiler. Şonuň bilen Dünýäde üçinji güýç döredi. Bu döwletlere „üçinji dünýä diýdiler“, ýa-da ösüp barýan döwletler diýdiler.

(Birinji dünýä – kapitalizim dünýäsi, ikinji dünýä sosalizim dünýäsi,)

Diýmek 50-60-njy ýyllarda „oňyn bitaraplyk“ düşünjesi döredi. Bu Garaşsyz Aziýa, Afrika, Latyn Amerika döwletleri öz daşary syýasatynda bitaraplyk syýasatyny geçirdiler hem-de dünýäniň harby birleşmelerine girmediler. Ondan-da başga dünýäde parahatçylygy saklamak üçin göreşdiler. Hakykat-da täze Garaşsyz döwlet harby bloga giren ýagdaýynda, ol öz garaşsyzlygyny gowşadýardy.

Şonuň bilen oňyn bitaraplyk–bu harby bloklara girmezlik, öz garaşsyzlygyňy berkitmeklik, dünýäde parahatçylygy saklamaklyk syýasatydyr.

Oňyn bitaraplygyň dörän takyk senesini aýdyp bolmaýar. Ilki syýasatda aýry-aýry ýurtlar döredi. Ỳöne olaryň umumy maksatnamasy ýokdy. Ol ýuwaş-ýuwaşdan täze mazmuna eýe boldy. Aziýada oňyn bitaraplyk ýoluna düşen

ilkinji döwlet Hindistandyr. Aziýada bitarap döwletleriň ilkinji topary Günorta Gündogar Aziýada döredi.

1946-njy ýylda Jawaharlal Neru Hindistan garaşsyzlygyny almadyk wagtynda bitaraplyk syýasatynyň zerurdygyny aýdyp geçdi. Bu syýasat esasy prinsipleri: Harby bloklara gatnaşmazlyk BMG-a ynanç: Koloniýalizime garşy göreş. Hindistan garaşsyzlygynyň ilkinji ýollarynda Angliýa döwletine ykdysady baglylygyna garamazdan bitaraplyk syýasatyny alyp bardy. 1949-njy ýýlda Hindistan bloklara girmezlik barada birnäçe beýannamalar yglan etdi we Beýik Britaniýa bagly däl daşary syýasatyny alyp bardy.

1948-nji ýylda Birma döwleti sosalistik we kapitalistik döwletler bilen doslukly ýaşajakdygyny yglan etdi. 1950-nji ýyldan başlap bolsa bitaraplyk syýasatyny yglan etdi. Parahatçylyk söýüji ýurtlaryň topary has-da köpeldi. Olara Seýlon, Liwan, Liwiýa, Sudan, Birleşen Arap emirlikleri, Siriýa, Ỳemen, Gwineýa, Mali, Kipr, Alźir we beýlekiler goşuldy. 1950-nji ýylyň ahyrynda Garaşsyzlygy alan ýurtlaryň köpüsi oňyn bitaraplyk syýasatyna geçýändiklerini yglan etdiler. Ỳewropa döwletleriň arasynda oňyn bitaraplygy geçirýän döwletler Ỳugoslawiya bilen Finlýandiýa, emma Finlýandiýa Goşulmazlyk hereketine girmedi.

Şeýlede ol ýurtlaryň häsiýetlendiriji taraplary hem ösdi. Parahatçylygy üpjin etmekde bitarap döwlerleriň orny dünýäde has artdy. Oňyn bitaraplyk syýasatynyň many-mazmuny hem çuňlaşdy. Oňa ýene bir many girizdiler, öz territioriýasynda urşdan soňky galan harby birleşikleri ýok etmek. Mysal üçin: 1955-nji ýylda Aziýanyň birnäçe döwletleri ABŞ-nyň harby howa güýçleriniň bazalaryny ýok etdiler.

Oňyn bitaraplyk syýasaty baknakygyň galyndylaryny ýok etmekde, milli ykdysady ösüşleri eýelemekde täze döwletlere örän uly kömegini ýetirip bildi.

1. Oňyn bitaraplyk syýasaty halkara gatnaşyklarda XX asyryň ikinji ýarymynda dörän finomendir.

2. Oňyn bitaraplyk syýasaty parahatçylyk söüji döwletleriň syýasatydyr we ol döwletleriň urşa garşy çykýandygyny we harby birleşmelere girmeýändigini aňladýar.
3. Aziýa, Afrika we Latyn Amerika täze garaşsyz döwletleriň dünýä syýasatynda agzybirlikde we jebislikde çykyş edýändigini görkeźýär.
4. Oňyn bitaraplyk döwlet garaşsyz bitarap döwletiň sosiýalistik we kapitalitik döwletler bilen hyzmatdaşlykda ýaşajakdygyny aňladýar.
5. Oňyn bitarap döwletler BMG-a uly hormat goýup, şol guramada dünýä meseleleriniň parahatçylykly ýagdaýda çözülmegini isleýärler.
6. Garaşsyz döwletleriň oňyn bitaraplygy şol döwletleriň garaşgyny berkitdi.
7. Oňyn bitaraplygyny garaşsyz döwletler öz içiki kanynlary bilen tassyklaýar.
8. Oňyn bitarap döwletler öz halkara guramasyny döretdiler– Goşulmazlyk hereketi.
9. 1995-nji ýylda Goşulmazlyk hereketi öz konferensiýasyny geçirip dünýäniň üýtgemegi sebäpli öz maksatlaryny birneme üýtgetdi. Sebäbi SSSR-iň dargamagy bilen Warşawa şertnamasy harby blok dargady, „sowuk uruş “ gutardy. Goşulmazlyk hereketi öz öňünde goýan ilkinji meselelerini dolu ýerine ýetirdi: baknalayga garşy göreş; apartaide garşy göreş (apartaid – adamlary rassa sypatlary boýunça kemsitmek). Goşulmazlyk hereketiniň öňünde täze zamanynyň meselelerini goýdylar: ekologiýa meseleleri, milli ösüş, terrorizime garşy göreş, ykdysady deňlik we başgalar. 1995-nji ýylda Türkmenistan Goşulmazlyk hereketiniň agzasy boldy.

**Tema: Uruş döwründe bitaraplyk düşünjesiniň ösüş taryhy.**

Rus bitarap knýazlikler hem bolupdyr. Feodal döwründäki bitarap döwletleriň üstüne aşaky borçlar hem ýüklenipdir:

Bitarap ýurtlarda urşa çekmek maksady bilen hakyna tutma goşuna rugsat edilipdir.

Bitarap ýurtda urşmak gadagandyr. Ol ýedi ýyllyk urşynda şeýle bolupdyr. Angliýa 1848 ýylda öz ýaragyny satmaýar. Şeýle ýagdaý köp taraply şertnamalar bilen tassyklanypdyr. Oňa V Gaaga konwesiýasy (1907 ýyl) mysal bolup biler.

Oňyn bitaraplygyň halkara hukuk görnüşleri: Bu halklaryň taryhy barada bar bolan maglumatlar azda kände mongol imeriýasynyň emele gelmegi we onuň demirgazyk ýerlerine gypjak we gyrgyz taýpalaryň üstüne gönikdirlipdir.
Emma mongol taýpalarynyň talaňçylykly ýörişleri diňe bir beýleki halklaryň ykbalyna uly zyýan ýetirmek bilen çäklenmän, eýsem zähmetkeş mongol halklarynyň ýaşaýyş durmuşyna hem uly zyýan ýetirdi. 1219-njy ýylda mongol goşunlary gyrgyzlaryň ýurduna çozup geldiler. Oňyn bitaraplyk bir-näçe usullar bilen berkidilýär:
Oňyn bitaraplygy geçirmeklik barada bir taraplaýyn yglan etmek arkaly.

Iň bir köp ýaýran usullaryň biri hem harby birleşmelere gatnaşmazlyk barada deklarasiýa yglan etmekdir. Döwletiň beýannamsyny beýleki döwletler üçin hiç bir hukuk güýji ýokdyr. eýle şertnamalar dostluk we bitaraplyk barada bolup biler. Ol şertnamalara aşakdakylar girip biler:

1. Beýleki döwletler bilen hiç bir hüjüm etmekden saklanmaly
2. Bitarap döwletleriň beýleki ýurtlaryň arasyndakyuruşdaky hukugy we boryçlary.
3. Bitarap döwletiniň esasy borjy-urşa doly gatnaşmazlygy.

4. Bitarap döwletiniň deňiz urşundaky hukugy we borçlary.

Uruş döwründäki bitaraplyk-bu döwletiň hukuk ýagdaýy bardyr. Bitarap döwlet özüni goramak maksady bilen goşunyny we goranma serişdeleri berkitmäge hukugy bar. Harby däl harytlar bilen söwda etmäge hukugy bar Urşýan döwletler bilen ýaraşyk hakynda gepleşikgeçirmäge haky bar.

Bitarap döwletiniň esasy borjy-urşa doly gatnaşmazlygy.

Bu esasam bitarap döwletiniň territoriýasy hiç-hili uruş hereketleri etmezliklerini aňladýar. Şeýle hem öz territoriýaňda urşa ýardam etjek hiç hili enjamlary gurdurmazlygy hem aňladýandyr. Gaaga konwensiýasy 1907 ýylda bitarap döwletleriň düzgünnamasyny kesgitledi. Bitarap döwlet territoriýasy eldegirmezidäldir. Bitarap döwlet öz territoriýasyny goramak maksady bilen urşup biler. Ỳöne bitarap döwlet öz raýatlarynyň urşa meýletin gatnaşmagyny gadagan edip bilmez.

Gadymy döwürlerdäki bitaraplyk bolandygy gadymy taryhçylaryň, hukukçylaryň, pelsepeçileriň dürli ýadygärlikleri, şertnamalary güwä geçýar.

Gadymy induslaryň keramatly kitaby bolan Manu kanunlarynda (b.e.öň I müňýylyk) taraplaryň bitaraplyk düşünjesi berilýär.

Gadymy Ysraýylda uruş döwründäki bitaraplyk barada taglymat bolupdyr. Oňa laýyklykda uruşýan taraplar uruşylmaýan ýerlerden geçip bolýanlygy tekrarlanýar.

Şol bir wagtda guleýeçilik döwründe uruşýan taraplaryň bitarap ýerlerden geçmek gadagan edilipdir.

Gadymy dünýäde bitaraplyk borçlary ýörite şertnamalary aňladylypdyr. Rimiň Parfiýa bilen ( b.e. öň I asyr ) Parfiýanyň bitaraplyk barada şertnamasy bellidir.

Gadymy bitaraplyk barada Gerodotyň, Liwiýiň, Fukiditiň eserlerinde aýdylypdyr. Mysal üçin, Afinler bilen Sarakuzlaryň arasyndaky uruşda peýdalanan bitaraplykdyr.

Diýmek gadymy dünýädäki bitaplyk hakyky we şertnama görnüşli bolupdyr. Ýöne uruşýan taraplaryň bitaraplyk ýurtlara barmaga hem hukuklary bolupdyr.

Feodalizm döwründe uruş wagtynda bitaraplyk hukugy uruşýan taraplaryň urşy kanuny hasaplamaklygy talap edýär. Ỳöne uruşýan taraplar bitarap döwletiň garşysyna hiç-hili duşmançylyk hereket etmäge hukugy bolmandyr. Mysal üçin, Surih şäheri 1393 ýylda öz üstüne rahat oturmaga borç alypdyr. Bu bolsa söwdanyň ösmegine uly ýardam beripdir.

Rus bitarap knäzlikler hem bolupdyr. Olara Kiew, Smolensk, Nowgorod, Pskow knäzlikleri mysal bolup biler.

1303 ýyldaky Görmegeý Filip (Fransiýa) bilen Eduard I (Angliýa) şertnamasynda hiç bir tarap onuň duşmanlary bilen gatnaşyk etmeli däldir.

Feodal döwründäki bitarap döwletleriň üstüne aşaky borçlar hem ýuklenipdir:

1. Uruşýan taraplar ol ýurda girip bilýär we bu barada belli bir töleg tölenýär.
2. Bitarap ýurtda urşa almak maksady bilen hakyna tutmak rugsat edilipdir.
3. Bitarap ýurtda urşmak gadagandyr.

Şeýle hem feodal döwletlerde bitaraplyk düşünjesi diňe bir gury ýerde däl eýsem deňizde hem ýüze çykypdyr.

XVIII-XIX asyrlardaky köp döwletler doly bitaraplygy goldapdyrlar. XVIII asyrda diňe Gollandiýa öz bitaraplygyny saklap bilipdir. Ol ýedi ýylap urşynda şeýle bolupdyr.

1798 ýylda ABŞ özüniň bitaraplygyny saklap Fransiýa karz bermeýär. Angliýa 1848 ýylda öz ýaragyny satmaýar. XVIII asyrda bitaraplyk yruşýan taraplara ýarag, pul bermezligi we öz territoriýasyna goşun salmazlygy aňladýar.Şeýle ýagdaý köp taraply şertnamalar bilen tassyklanypdyr. Oňa V Gaaga konwesiýasy (1907ýyl) mysal bolup biler.

Gadymy Ysraýylda uruş döwründäki bitaraplyk barada taglymat bolupdyr. Oňa laýyklykda uruşýan taraplar uruşylmaýan ýerlerden geçip bolýanlygy tekrarlanýar.

Şol bir wagtda gul eýeçilik döwründe uruşýan taraplaryň bitarap ýerlerden geçmek gadagan edilipdir.

Gadymy dünýäde bitaraplyk borçlary ýörite şertnamalary aňladylypdyr. Rimiň Parfiýa bilen ( b.e. öň I asyr ) Parfiýanyň bitaraplyk barada şertnamasy bellidir.

Gadymy bitaraplyk barada Gerodotyň, Liwiýiň, Fukiditiň eserlerinde aýdylypdyr. Mysal üçin, Afinler bilen Sarakuzlaryň arasyndaky uruşda peýdalanan bitaraplykdyr.

Diýmek gadymy dünýädäki bitaplyk hakyky we şertnama görnüşli bolupdyr. Ýöne uruşýan taraplaryň bitaraplyk ýurtlara barmaga hem hukuklary bolupdyr.

## Tema: Oňyn bitaraplygyň halkara hukuk formalary.

Oňyn bitaraplyk birnäçe usullar bilen berkidilýär:

1. Oňyn bitaraplygy geçirmeklik barada bir taraplaýyn yglan etmek arkaly.
2. Oňyn bitaraplygy berkidýän ikitaraplaýyn şertnama baglanşmak arkaly.
3. Goşulmaýan döwletleri konferensiýasynda kabul edilen bilelikdäki kararyň kömegi bilen.

Iň bir köp ýaýran usullaryň biri hem harby birleşmelere gatnaşmazlyk barada deklarasiýa yglan etmekdir. Mysal üçin 1948 ýyl fewral Şwesiýanyň döwleti parahatçylyk döwründe harby birleşmelerden daşynda duryanlygyny yglan etdi.

1966 ýyl Liwanyň hökmeti indiden beýläk birleşmelere we paktlara gatnaşmajakdygyny, beýleki ýurtlar bilen dostlukly gatnaşykda boljakdygyny aýtdy.

Özüniň birikmezlik we harby birleşmelere gatnaşmazlygy barada deklarasiýasyny BMG Baş Assambleýasyny hem yglan

edip bolar. Şeýle deklarasiýa 1962 ýylda Birma döwleti yglan etdi. 1992 ýyl OBSE-de Türkmenistan oňyn bitaraplygyny berjaý etjekdigi barada aýdypdy.

Döwletiň beýannamsyny beýleki döwletler üçin hiç bir hukuk güýji ýokdyr. Ỳöne ýurdyň özünde kanunlarda we Konstitutsiýada berkidilýär.

Eger parahatçylyk döwürde iki ýurduň bilelikde yglan eden beýannamasy uruş döwründe hem öz güýjünde galýandyr. Bitaraplaýyn beýannama halkara hukugy tarapyndan goralyp biliner.

Usullaryň ýene-de biri özara şertnama baglaşan beýleki döwletleriň topary bilen oňyn bitaraplyk baglaşmakdyr.Şeýle şertnamalar dostluk we bitaraplyk barada bolup biler. Ol şertnamalara aşakdakylar girip biler:

1) Beýleki döwletler bilen hiç bir hüjüm etmekden saklanmaly
2) Döwletleriň özara uruşlarynda hiç-birine kömek etmeźlik
3) Urşa gatnaşmazlyk

Hüjüm etmezlik we bitaraplyk barada şertnamalar gadagan etmek häsýetdedir.

Oňyn bitaraplygy yglan etmegiň ýene bir usuly köptaraply şertnamalary baglaşmakdyr. Oňa 1955-nji ýylda Aziýanyň we Afrikanyň 29 ýurdy gatnaşan Bandugan konferensiýasyny mysal getirip bolar. 1958, 1960,1963 ýyllarda Afrikada, Akkredetda, 1958 ýylda Addis-Abebede, Kasablankada, Belgratda, Kairde geçirlen konferensiýalar hem muňa mysaldyr.

## Tema: Uruş döwrindäki bitarap döwletiň esasy hukuklary we borçlary.

Bitaraplyk döwletleriň esasy hukuklary we borçlary aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Bitarap döwlet özüni goramak maksady bilen goşunyny we goranma serişdeleri berkitmäge hukugy bar.
2. Urşýan ýurtlardan öz raýatlarynyň eldegirmezliklerini, territoriýasyny, emläkleri goramalydyr.
3. Bitaraplygy bozýan ýurtlara garşy ýaragly çykyş etmäge hukugy bar.
4. Urşýan taraplar bilen harby däl şertnamalar baglaşyp bilýär.
5. Harby däl harytlar bilen söwda etmäge hukugy bar
6. Urşýan döwletler bilen ýaraşyk hakynda gepleşik geçirmäge haky bar.
7. Öz territoriýasynda ýesirlikden gaçan harbylary kabul etmäge haky bar.
8. Urşyň tualary hakynda kömek aladalary etmäge hukugy bar.
9. Urşa gatnaşmaga hukugy bolmadyk ýurtlaryşa gatnaşan ýagdaýynda olara garşy söweş etmäge hukugy bar.

Bu esasanam bitarap döwletiniň territoriýasy hiç-hili uruş hereketleri etmezliklerini aňladýar. Şeýle hem öz territoriýaňda urşa ýardam etjek hiç hili enjamlary gurdurmazlygy hem aňladýandyr. Bitarap döwletler öz deňiz territoriýalarynda hiç-hili urşa ýardam berjek enjamlary, binalary gurmaly däldir.

Bitarap döwlet uruşýan iki taraplara garşy deň derejede gadagan ediji hereketleri etmelidir.

Gaaga konwensiýasy 1907 ýylda bitarap döwletleriň düzgünnamasyny kesgitledi. Bitarap döwlet territoriýasy eldegirmezidäldir. Bitarap döwlet öz territoriýasyny goramak maksady bilen urşup biler. Konwensiýanyň 10-njy maddasyna laýyklykda bitarap döwlet özüni gorap biler. Konwensiýa uruşýan ýurtlaryň bitarap ýurda barmagyny gadagan edýär. Ỳöne bitarap

döwlet öz raýatlarynyň urşa meýletin gatnaşmagyny gadagan edip bilmez.

Urşyndan gaçan ýesirler bitarap döwletde azatlykda bolup biler. 11-nji madda esasynda bitarap ýurtdan ýaraly esgerler ýüklenen kerwen geçirmek hukugy berip bilner.

Deňiz urşynda bitarap döwletiniň hukugy we borçlary Gaaga konwensiýasynynň 13-nji maddasynda kesgitlendi. Oňa laýyklykda bitarap deňiz döwletiniň hukugyny kesgitlemeklik gadagandyr.

## Tema: Türkmenistanyň daşary syýasatynyň Konstitusiýon esaslary.

1995-nji ýylyň Dekabr aýynyň 12-ne BMG-niň baş assambleýasynyň taryhy mejlisi "Türkmenistanyň Hemişelik bitaraplygy" diýen möhim rezolýusiýasyny kabul etdi. Şol rezolýusiýasynda BMG-nyň agzalary bolan döwletleriň ýurdymyzy Hemişelik bitarap döwlet hökiminde ykrar etdiler we Türkmenistanyň halkara hukuk derejesini garaşsyzlygyny özygtyýarlygyny we territoriýal taýdan bitewiligini goldamaga dünäniň ähli ýurtlaryny çagyrýardylar.

Garaşsyz Türkmenistan döwletiniň Halk maslahatynyň 1995-nji ýylyň Dekabr aýynyň 27-ne bolup geçen taryhy mejlisinde Türkmenistanyň

Hemişelik Bitaraplyk statusy hukuk taýdan resmileşdirildi. Halk maslahaty birnäçe resminamalary kabul etdi:

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň üýtgetmeler we goşmaçalar hakynda kanun kabul edildi.
2. Türkmenistanyň Hemişelik bitaraplygy hakynda Türkmenistanyň Konstitusion kanuny kabul edildi.
3. Bitarap döwlet hökiminde Türkmenistanyň daşary syýasatynyň maksatnamasy kabul edildi
4. Bitarap Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalary hakyndaky şertnama kabul edildi.

Bu esasy düýpli dokumentler Türkmenistanyň daşary syýasy ugryny kesgitleýän hukuk binýady, esasy bolup durýar.

Türkmenistanyň daşary syýastynyň esasyny düzýän "Türkmenistanyň Hemişelik bitaraplygy hakyndaky" Konstitusiýon kanunda beýan edilen Konstitudision ýorelgeler BMG-nyň baş assambleýasynda Türkmenistana hemişelik bitaraplyk derejesini bermek baradaky taryhy rezalýusiýasyndan gelip çykýar. Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk söýiji daşary syýasatynyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ýolbaşçylygynda işlenip düzilen Konstitusion ýorelgelerine şular degişlidir:

1. Türkmenistan hemişelik bitaraplygyny meýletin jar edýär ony yzygiderli durmuşa geçirýär, şeýle hem bu bitaraplyk jemgyýetde durnuklylygy we ylalaşygy pugtalandyrmaga gönikdirilendir, regionyň hem-de bütin dünýäniň döwletleri bilen doslukly, birek-birege peýdaly gatnaşyklary ösdürmäge gönikdirilen Tukmenistanyň daşary we içeri syýasatynyň esasy bolar.
2. Türkmenistanyň Hemişelik bitaraplyk statusyna eýe bolmagy Türkmenistanyň BMG-nyň ustabyndan gelip çykýan borçnamalryny ýerine ýetirmegine täsir etmeýär.
3. Türkmenistan parahatçylyk söýiji daşary syýasaty ýöreder. Ol beýleki döwletler bilen öz gatnaşyklaryny deň hukuklylyk birek-birege hormat goýmak bu döwletleriň içerki işlerinde gatyşmazlyk esasynda gurar.
4. Türkmenisan urşa we harby dawalara gatnaşmazlyga, urşa ýada harby dawa getirip biljek syýasy, diplomatik we beýleki hereketleri etmezlige borçlanýar. Türkmenistana garşy harby agresiýa üz urulan halatynda BMG-den kömek sorap ýüz tutmaga haky bolar.
5. Türkmenistanda Hemişelik bitaraplygy öz milli goşunynyň bolmazlygyny aňladmaýar. Türkmenistanda ýokary derejede taýýarlykly goşun saklamaga haky bardyr.

6. Türkmenistanyň Hemişelik bitaraplygy halkara işlerinde işjeň oňyn garaşy döwletleriň arasyndakygapma-garşylylary we dawalary zorluk bilen dälde , eýsem has ýaramly ýollar arkaly çözmek maksady bilen öz syýasy mümkinçiliklerini peýdalanmagy halkara gatnaşyklarda has adamkärçilikli, döredijilikli ýola goýmagy aňladýar.

## Tema: Täze Galkynyş we beýik Özgertmeler zamanasynda Türkmenistanyň Ýewropa syýasaty.

2007-nji ýylyň noýabr aýynyň 5-7-si aralygynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Belgiýa Patyşalygynda resmi saparda boldy. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Brýussele sapary biziň ýurdumyzyň dünýä arenasynda batly hem ynamly gadamyny alamatlandyrýan ähmiýetli wakalaryň biri boldy. Bu saparyň netijesinde Türkmenistanyň daşary syýasatynyň Ýewropa ugry has anyk, has takyk mana eýe boldy.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow saparyň çäklerinde Belgiýa Patyşalygynyň Premýer-ministri jenap Gaý Werhofstad we bu yurduň daşary işler ministri jenap Karl de Gyuht bilen gepleşikleri geçirdi. Turkmenistan döwletiniň baştutany Brýussele saparynyň jemleýji gününde NATO-nyň Baş sekretary jenap Ýaap de Sheffer bilen duşuşdy. Mundan başga hem Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy ýola goýaga ägirt uly gyzyklanma bildirýän, esasy Ýewropa kompaniýalarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklary geçirdi.

Türkmen lideriniň Belgiýanyň paýtagtyna iş sapary syýasy we işewür toparlary tarapyndan hem, habar beriş serişdeleri tarapyndan hem örän uly gyzyklanma döredip, ähli halkara bileleşiginiň yokary derejede üns merkezine öwrüldi. Hususan-da, Türkmenistanyň Prezidentiniň Brýussele sapary

hakyndaky habary planetanyň in abraýly biznes-neşiri bolan “The Wall Street Journal” öz sahypalarynda ýerleşdirdi. Makalanyň awtory gepleşikleriň esasy temalarynyň biriniň ýangyç-energetika pudagynda hyzmatdaşlyk boljakdygyny görkezip, Türkmenistanyň ägirt uly resurs potensialynyň bardygyny belleýär. Türkmen döwletiniň baştutanynyň Belgiýanyň paýtagtyna sapary baradaky anons materiallary Ýewropanyň we dünýäniň esasy habar beriş serişdeleriniň birnäçesi hem çap etdi.

2007-nji ýylyň noýabr aýynyň 6-synda türkmen döwletiniň baştutanynyň Brýussele iş saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Belgiýa Patyşalygynyň Premýer-ministri jenap Gaý Werhofstadyň arasynda gepleşikler geçirildi.

Irden türkmen lideri özüniň Luiz awenýusyndaky kaşan «Konrad» myhman-hanasynda ýerleşen rezidensiýasyndan çykyp, «Lambermont» Hökümet Öýüne tarap ugrady. Belgiýa hökümetiniň baştutany we türkmen lideri kabul edişlikler zalyna geçdiler. Soňra jenap Gaý Werhofstad Gurbanguly Berdimuhamedowy resmi kabul edişlikler zalyna çagyrdy. Şol ýerde gepleşikler geçirildi.

Belgiýanyň hökümetiniň baştutany hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowy Belgiýanyň tutuş halkynyň adyndan tüýs ýürekden mübäre-kläp, milletiň baştutanyny Türkmenistanyň Prezidentiniň wezipesine girişmegi bilen gutlady. Belgiýanyň Premýer-ministri türkmen lideri bilen ýüzbe-ýüz duşuşýandygyna örän begenýändigini belläp, öz ýurdunyň Türkmenistan bilen netijeli gatnaşyklary ösdürmäge çalyşýandygyny tassyklady.

Mahirli we dostlukly atmosferada hem-de konstruktiw ýagdaýda geçen gepleşikleriň barşynda özara peýdaly hyzmatdaşlyga degişli meseleleriň uly toplumy boýunça pikir alşyldy. Jenap Gaý Werhofstad Belgiýanyň türkmen hyzmatdaşlary bilen ysnyşykly işewür gatnaşyklary ösdürmage

uly gyzyklanma bildirýändigini belläp, netijeli we ygtybarly söwda-ykdysady gatnaşyklary ýola goýmak maksady bilen, Belgiýanyň Ykdysadyýet ministrliginiň we bu ýurduň esasy kompaniýalarynyň wekillerinden düzülen uly delegasiýany Türkmenistana ibermegi teklip etdi. Şonda belgiýa tarapynyň ýangyç-energetika ulgamynda, hususan-da, Türkmenistanda tebigy gazy suwuklandyrmak boýunça döwrebap önümçiligi gurmak hem-de uly isleg bildirilýän bu önümi geljekde dünýäniň energetika bazarlaryna ibermek babatda hyzmatdaşlyk etmäge aýratyn gyzyklanma bildirilýändigi nygtaldy. Galyberse-de, Premýer-ministriň sözlerine göra, Belgiýa bulary hut ýüzýän platformalarda gurmaga mümkinçilik berýän tehnologiýalara eýe bolup durýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bu teklipleri goldady we muňa hyzmatdaşlyga onyn çemeleşme hökmünde baha berip, Türkmenistanyň giň we özara peýdaly esasda netijeli hyzmatdaşlyk etmäge hemişe taýýardygyny aýtdy. Biz öz ýurdumyzda Belgiýanyň delegasiýasyny höwes bilen kabul ederis hem-de Hyzmatdaşlygyň anyk ugurlaryny ara alyp maslahatlaşarys diýip, türkmen lideri aýtdy. Şu mesele baradaky gürrüňi dowam etmek bilen, belgiýa tarapynyň netijeli gepleşigi işeňňirleşdirmäge uly gyzyklanma bildirýändigini göz öňünde tutup, Türkmenistanyň Prezidenti birnäçe teklipleri orta atdy. Türkmen döwletiniň baştutany belgiýa kompaniýalaryny Türkmenbaşy şäherinde deňiz portuny döwrebaplaşdyrmak we onuň durkuny täzelemek hem-de Hazaryň ekologiýa taýdan arassa kenarynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny döretmek baradaky taslamalara gatnaşmaga çagyrdy. Senagat önümçiliklerini döretmekde baý tejribe toplan belgiýaly hyzmatdaşlar täze sement zawodlaryny gurmak baradaky halkara tenderlerine hem gatnaşyp bilerler.

Türkmen lideriniň ähli teklipleri içgin üns berlip, aýratyn gyzyklanma bildirilip diňlenildi hem-de belgiýa tarapy bulara

geljegine uly umyt bildirilýän teklipler hökmünde baha berdi. Şunuň bilen baglylykda söhbetdeşler ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça ikitaraplaýyn hökümetara komissiýasynyň netijeli hyzmatdaşlygy intensifikasiýalaşdyrmakda möhüm faktor bolup biljekdigini hem bellediler.

Türkmen-belgiýa Hyzmatdaşlygynyň mümkinçilikleri barada jikme-jik we anyk gepleşige öwrülen duşuşygyň barşynda Hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary, şol sanda saglygy goraýyş we hususan-da, Belgiýanyň uly üstünlikleri gazanan derman senagaty bilen hyzmatdaşlyk etmek barada pikir alşyldy. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow şu ugurda netijeli gatnaşyklaryň giňeldilmeginiň zerurdygyny aýdyp, taraplaryň bu babatda eýýäm oňyn tejribe toplandygyny belledi. Birnäçe ýyl mundan ozal Türkmenistan Belgiýadan «Tiz kömek» maşynlary üçin medisina enjamlaryny satyn aldy. Şeýle hem Türkmenistanyň bilim ulgamynda amala aşyrylýan uly möçberli reforma bilen baglylykda bilim ulgamy Hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlarynyň hatarynda görkezildi.

Söwda-ykdysady Hyzmatdaşlygyň meseleleri boýunça pikir alyşmak bilen baglylykda, Türkmenistanyň baştutany iki ýurduň arasyndaky söwda dolanyşygynyň ösýändigini, hususan-da, belgiýaly täjirleriň türkmen pagtasyny uly möçberlerde satyn alýandygyny kanagatlanma bilen nygtady.

Taraplar Türkmenistanyň sebitde we halkara derejesinde giň hyzmatdaşlygy ösdürmek maksady bilen öňe sürýän uly möçberli taslamalaryny berjaý etmek meselesine degip geçip, Demirgazyk-Günorta ulag - kommunikasion geçelgesiniň döredilmeginiň möhüm ähmiýete eýedigini bellediler. Ykdysady taýdan örän peýdaly bolup durýan bu taslamanyň geljekde Ýewropa ýurtlarynyň, şol sanda Belgiýanyň Pars aýlagyna çykmagyny üpjün etmäge mümkinçilik berjekdigi bellenildi.

Gepleşikler tamamlanandan soňra hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hem-de jenap Gaý Werhofstad gepleşikleriň netijelerinden kanagatlanýandyklaryny, şeýle hem ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň geljekde-de üstün-likli ösdüriljekdigine iki tarapyň hem ynam bildirýändigini bellediler.

Türkmenistan Ýewropa döwletlerinden Italiýa döwleti bilen işjeň gatnaşyklary saklaýar. Türkmenistan we Italiýanyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylda ýola goýuldy. Ýurdumyzyň tutuş Ýewropa we Italiýa bilen deňhukukly we özara peýdaly hyzmatdaşlyga hemişe açykdygyny ynandyrasym gelýär-diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2009-njy ýylyň 27-nji noýabrynda Italiýanyň işewür toparlarynyň biznes forumynda eden çykyşynda aýdypdy.

Häzirki wagta çenli Türkmenistanda Italiýanyň 7 sany kärhanasy işleýär we maýa goýumly taslamalaryň 12-si hasaba alyndy. Ýöne daşary söwda dolanşygynyň çalt depginde ösüşi Türkmenistanyň we Italiýa Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň potensialynyň has uludygyny görkezýär. Sunuň bilen baglylykda Italiýanyň Daşary Söwda instituty forumda Türkmenistanda öz wekilhanasyny açmak isleýändigini aýtdy, ol söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň çaltlandyrylmagyna ýardam berer.

Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen-italýan hyzmatdaşlygy dürli ugurlarda dowam etdirilýar. Ýurdumyzyň azyk, dokma we beýleki pudaklarynda Italiýanyň öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyryldy. Iki döwletiň gatnaşyklary medeni-gumanitar ulgamda hem işjeň dowam etdirilýar. 2006-njy ýylda türkmen alymlary Italiýada, Watikanda bolup, türkmen halkynyň taryhyna, medeni mirasyna dahylly golýazmalaryň ençemesiniň nusgasyny ata Watanymyza getirdiler. Italiýanyň Turin uniwersitetiniň professorlary Antonio Inwernissi, Karlo Lippolis Nusaýda ençeme ýyldan

bäri arheologiýa gazuwlaryny geçirýärler. Ýeri gelende ýatlasak, Antonio Inwernissi dünýäde Parfiýa taryhyna we medeniýetine bagyşlanan ýeke-täk we ýöriteleşdirilen «Parfika» ýyllyk ylmy neşiriniň esaslandyryjysy we baş redaktorydyr. Ligabuýe uniwersitetiniň professory Gabreýell Rossi-Osmida Mary welaýatynyň Ajyguýy oazisinden türkmen alabaýynyň ystyhanyny tapdy. Agzalan uniwersitetiň alymlary Goňurdepede 10 ýylyň dowamynda geçiren barlaglarynyň netijesi hakda 2003-nji ýylda «Margiana Goňurdepe gonamçylygy» atly kitaby giň okyjylar köpçüligine ýetirdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Türkmenistanyň, Merkezi Aziýa we Gündogar halklarynyň medeni mirasy Döwlet instituty Italiýanyň Afrika we Gündogary öwreniş instituty bilen bilelikde 2005—2007-nji ýylyň güýz möwsümlerinde Murgap derýa hanasynyň aýagujyny öwrenmek maksady bilen Togalak, Tahyrbaý oazislerinde işlediler. Oňa italýan ta-rapyndan Bolonýa uniwersitetiniň hünärmenleri Maurissio Kattani bilen Barbara Çerazetti gatnaşdylar. Italýan arheologlarynyň geçiren barlaglary hakdaky ylmy makalalar «Miras» halkara žurnalynda neşir edilip, dünýäniň ylmy jemgyýetçiligine ýetirildi.

Soýky üç ýylyň dowamynda türkmen-italýan gatnaşyklarynyň hasam işjeňleşendigini bellemelidiris. Gysga döwrüň içinde iki döwletiň wekilçilikli toparlary birek-biregiňkide saparlarda boldular. 2009-njy ýylyň 31-nji martynda hormatly Prezidentimiz Italiýanyň daşary işler ministriniň orunbasary Alfred Mantikuny kabul etdi. Söhbetdeşligiň netijesinde iki ýurdyň arasynda hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary hökmünde 5 sany pudakda hyzmatdaşlyk etmek göz öňüne tutuldy:

1.Ýangyç-energetika
2.Söwda
3.Azyk
4.Dokma

5.Öňdebaryjy tehnologiýalar.

Italiýanyň «Eni» nebitgaz kompaniýasy türkmen uglewodorod serişdelerini işläp bejermäge gatnaşmaga isleg bildirýar. Üstümizdäki ýylyň iýunynda Italiýanyň DIM-niň wekili Paolo Serpiniň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet Aşgabatda bolup, ýurdumyzyň DIM-inde, Ykdysadyýet we ösüş, Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar, Tebigaty goramak ministrliklerinde gepleşikleri geçirdi.

Ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ähli mümkinçilikleriniň ulanylmagynyň möhüm we wajypdygy 2009-njy ýylyň sentýabrynda Aşgabatda geçen birinji türkmen-italýan biznes-forumyna gatnaşanlar hem bellediler. Aşgabatdaky foruma gatnaşmak üçin Italiýadan uly topar geldi, onuň düzümine döwlet edaralarynyň ýolbaşçylary, şeýle hem «Edison», «Teknimont», «Bonnatti», «Finderpompe», «Ýewropean tehnoloji dewelopment», «Çentro estero weneto», «Ans» we beýlekiler ýaly birnäçe italýan kompaniýalarynyň bolan işewürler girdi.

Ykdysadyýetiň işjeň diwersifikasiýasy biziň ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan wezipesi bolup durýar. Bu ugurda Türkmenistan bilen Italiýanyň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmegiň uly geljegi bar. 2008-nji ýylda biziň döwletlerimiziň arasyndaky daşary söwda dolanyşygy ABŞ-nyň 1,5 milliard boldy.

Halkara we sebit syýasatynyň ileri tutulýan meseleleri boýunça çemeleşmeleriň ýakyn bolmagy, Türkmenistan bilen Italiýanyň konstruktiw gatnaşyklary köptaraplaýyn formatda hem yzygider ösdürmäge mümkinçilik berýär. Dünýä arenasynda netijeli hyzmatdaşlygyň mysalyny bizin döwletlerimiziň abraýly halkara guramalarynyň, aýratyn-da Birleşen Milletler Guramasynyň, Ýewropa Bileleşiginiň çäklerinde alyp barýan işlerinde görmek bolýar. Mälim bolşy ýaly, Italiýa Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan öňe sürlen energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly dünýä bazaryna

goýberilmegi baradaky BMG-niň Baş Assambleýasynyň Rezolyusiýasyna awtordaşlyk etdi. Şeýle hem Italiýa 2007-nji ýylyň dekabrynda Aşgabatdada Öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit Merkeziniň açylmagyny goldady we şu möhüm waka bagyşlanyp geçirilen uly halkara konferensiýasyna gatnaşmak üçin hökümet toparyny ýollady

Bir ýyl geçenden soň, türkmen Lideriniň Germaniýa we Awstriýa üstünlikli sapary boldy. 2009-njy ýylyň 24—25-nji noýabrynda bolsa türkmen döwletiniň Baştutanynyň, Italiýa Respublikasynyň Premýer-ministri Silwio Berluskoniniň çagyrmagy boýunça Italiýa Respublikasyna resmi sapary bolup geçdi. Bu sapar iki dostlukly ýurduň hyzmatdaşlygynyň , taryhynda ilkinji sapardyr. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Italiýa Respublikasyna resmi sapary bar bolan döwletara dialogyň dowamy bolup, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny işjeňleşdirmäge gönükdirilendir.

Saparyň barşynda 2009-njy ýylyň 25-nji noýabrynda Italiýanyň paýtagtynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Italiýa Respublikasynyň Premýer-ministri Silwio Berluskoniniň uly üstünlik bilen tamamlanan gepleşikleri boldy.Ol bolsa ýokary derejedäki türkmen-italýan hyzmatdaşlygynyň aýratyn ähmiýete eýedigini görkezýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Italiýanyň Premýer-ministri we Italiýa Respublikasynyň Deputatlar Palatasynyň Başlygy bilen gepleşiklerinde, Taraplar dürli ugurlarda türkmen-italýan hyzmatdaşlygynyň ýagdaýy we ony geljekde ösdürmegiň mümkinçilikleri hakynda pikir alyşdylar, şeýle hem özara gyzyklanma döredýän halkara gatnaşyklarynyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Iki ýurduň ýolbaşçylary Türkmenistan bilen Italiýanyň arasynda syýasy gat-naşygy mundan beýläk-de ösdürmegiň ikitaraplaýyn aragatnaşyklary hemmeta-raplaýyn pugtalandyrmaga hyzmat etjekdigini bellediler. Şunuň bilen

baglanyşykly, Taraplar ikitaraplaýyn görnüşde hem, Birleşen Milletler Guramasynyň, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň hem-de beýleki abraýly halkara guramalarynyň çäklerinde hem arkalaşykly hereket etmäge özleriniň çalyşýandygyny beýan etdiler.

Taraplar iki ýurduň ykdysadyýetleriniň dürli ugurlarynda türkmen-italýan hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de intensiwleşdirmek üçin uly mümkinçiligiň bardygyny nygtadylar. Energetikany, önümçilik infrastrukturasyny, şol sanda gur-luşygy we gurluşyk materiallaryny, ulaglary, telekommunikasiýasyny, dokma se-nagatyny, oba hojalygyny, şeýle hem özara gyzyklanma döredýän beýleki ugurlary ösdürmegiň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmaga aýratyn üns berildi.

Iki ýurduň söwda we bank işini, senagat hem-de ylmy-tehniki hyzmatdaşlygyny ösdürmek, özara maýa goýumlaryny amala aşyrmak, bilelikdäki kärhanalary döretmek we ykdysady işiň subýektleriniň arasynda göni aragatnaşyklary ýola goýmak üçin amatly şertleri döretmegiň zerurdygy hakynda bir pikire gelindi. Şunda iki ýurduň şertnamalaýyn-hukuk binýadyny ösdürmekde, şol sanda maýa goýumlaryny goramak we iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak, ykdysady maglumatlaryň alşylmagyny guramak hem-de şol maglumatlaryň iki ýurduň gyzyklanýan guramalaryna we kompaniýalaryna elýeterliligini üpjün etmek ýaly höweslendiriş çärelerine geljekde uly üns berler.

Iki ýurduň baý intellektual mümkinçiligini we ruhy mirasyny bellemek bilen, Taraplar bilim, ylym we medeniýet babatdaky aragatnaşyklary hasda pugtalandyrmaga özara gyzyklanýandyklaryny beýan etdiler. Şu maksat bilen, olar ýokary okuw mekdepleriniň we ylmy-barlag institutlarynyň arasynda saparlaryň guralma-gyna hem-de tejribe alşylmagyna hemmetaraplaýyn goldaw bererler. Işgärleri taý-ýarlamak we olaryň hünärini ýokarlandyrmak hem-de ylmy maglumatlary

alyşmak meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga aýratyn üns berildi.

Möhüm halkara meseleleri ara alyp maslahatlaşylanda Türkmenistanyň we Italiýa Respublikasynyň sebit hem-de halkara möçberlerinde parahatçylygy, howp-suzlygy we durnuklylygy pugtalandyrmaga ýardam bermäge ikitaraplaýyn ça-lyşýandygy bellendi. Şunda Taraplar dünýä bileleşiginiň öňünde duran syýasy, ykdysady we ýaşaýyş-durmuş wezipelerini çözmäge niýetlenen hemmetaraplaýyn halkara guramasy hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyň möhüm ornuny nygtadylar.

Gepleşikleriň barşynda diňe döwletleriň bilelikdäki tagallalarynyň, BMG-niň Tertipnamasynyň ýörelgelerine olaryň eýermeginiň hem-de dünýä ösüşiniň möhüm meselelerine ylalaşykly çemeleşmegiň olary çözmegiň netijeli usullaryny tapmaga dünýä bileleşigine mümkinçilik berjekdigi bellenip geçildi. Bu halkara howpsuzlygynyň giň möçberli ulgamyny döretmäge doly derejede degişlidir. Taraplar terrorçylyga, neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalaryň bikanun dolanyşygyna, serhetüsti guramaçylykly jenaýatçylyga hem-de häzirki döwrüň beýleki wehimlerine we howplaryna garşy göreşde hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmegiň zerurdygyny ykrar etdiler.

Dürli derejelerde geňeşmeleri geçirmek hakyndaky meýiller beýan edildi. Şu maksat bilen, Taraplar iki ýurduň döwlet edaralarynyň, guramalarynyň we kompaniýalarynyň saparlaryny alşarlar. Soňky ýyllarda bu gatnaşyklar hil taýdan täze derejä we many-mazmuna eýe boldy.

Muny türkmen Lideriniň Rimde bolmagynyň wakalara örän baý maksatnamasy hem tassyklaýar. Şol saparyň her bir güni we sagady örän möhüm çärelere beslendi. Türkmenistanyň Baştutany Italiýanyň Parlamentine bardy, bilelikdäki türkmen-italýan biznes-forumyna gatnaşdy, Ýewropanyň iri

kompaniýalarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklaryň birnäçesini geçirdi.

Türkmenistanyň Baştutanynyň Italiýa bolan saparyna ägirt uly gyzyklanma bildirilmegi köp faktorlar, ilkinji nobatda, türkmen Bitaraplygynyň dünýädaki geosyýasy proseslere, Merkezi Aziýada birek-birege ynanyşmak we düşünişmek ýagdaýynyň kemala gelmegine, Ýewropanyň we Aziýanyň, dünýäniň beýleki ýurtlarynyň halklarynyň arasynda dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň ýola goýulmagyna edýän oňyn täsiri bilen şertlendirilendir. Şunuň bilen baglylykda dünýä bileleşiginiň türkmen Lideriniň progressiw daşary we içeri syýasatyny, onuň halkara hyzmatdaşlygy ulgamyndaky, has takygy, energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlaryna iberilmeginiň ygtybarlylygyny ýokarlandyrmak, ählumumy ýaragsyzlanmak babatdaky konstruktiw başlangyçlaryny goldaýandygyny hem aýtmalydyrys.

Şu jähtden Rimde geçirilen ýokary derejedäki duşuşygyň jemleri boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Nebitgaz serişdelerini dolandyrmak we peýdalanmak baradaky döwlet agentliginiň we Ýewropanyň baýry we iri kompaniýalarynyň biri bolan «ENI» Italýan kompaniýasynyň arasynda gol çekilen Özara düşünişmek hakyndaky Ähtnamanyň aýratyn ähmiýete eýedigini bellemän geçmek bolmaz. Saparyň barşynda gol çekilen beýleki resminamalar— Maýa goýumlary goldamak we goramak barada Türkmenistanyň Hökümeti bilen Italiýa Respublikasynyň Hökümetiniň arasyndaky Ylalaşyk, Medeni taýdan hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrligi bilen Italiýa Respublikasynyň Medeni baýlyklar we medeniýet babatda iş ministrliginiň arasyndaky Ähtnama, hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy bilen Italiýanyň Söwda, senagat, senetçilik we agrar edaralary birleşiginiň arasyndaky ylalaşyk hem örän uly ähmiýete eýedir.

Gepleşikleriň barşynda aýdylan teklipler we gazanylan ylalaşyklar Türkmenistanyň hem-de Italiýanyň ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ähli potensialyny işe girizmäge çalyşýandyklaryna şaýatlyk edýär. Hususan-da gürrüň türkmen-italýan hökümetara toparyny döretmek, söwda wekilhanalar şeýle hem iki ýurduň paýtagtlarynda Italiýanyň we Türkmenistanyň ilçihanalaryny açmak barada barýar.

Gepleşikleriň barşynda Italýan tarapy täze şäherleri döretmek konsepsiýasy, şol sanda häzir Türkmenistanda ösüşe eýe bolan zerur infrastrukturanyň kemala getirilmegine, Hazaryň kenarynda halkara derejesindäki «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny döretmek taslamasyna ägirt uly gyzyklanma bildirdi. Italiýanyň Premýer-ministri bular barada aýdyp, hususasan-da Türkmenistan barada filmi surata düşürmek we soňra ony Italiýada görkezmek üçin ýurdumyza teležurnalistler toparyny ibermek baradaky teklibi öňe sürdi. Bu film Italiýanyň işewürleri üçin özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmak babatda Türkmenistanyň ykdysady potensialyny we mümkinçiliklerini aýdyň we doly açyp görkezerdi diýip, Silwio Berluskoni aýtdy.

Öz nobatynda, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow medeni-gumanitar babatda türkmen-italýan gatnaşyklaryny çuňlaşdyrmagyň uly ähmiýete eýedigini nygtap, ylym we amaly barlaglar ulgamynda netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň möhümdigini aýtdy. Aşgabatda bilelikdäki ylmy-barlag merkezini döretmek baradaky pikirini öňe sürmek bilen, döwlet Baştutanymyz italiýaly hyzmatdaşlaryň tejribesi ýokary tehnologiýalar ulgamynda, şol sanda elektron senagaty, kompýuter we informasion tehnologiýalar ulgamlarynda türkmen hünärmenlerini taýýarlamak we hünärlerini ýokarlandyrmak babatda ulanylyp bilnerdi diýip belledi.

Soňky döwürde dünýä bileleşigi Türkmenistanyň Prezidentiniň örän giňişleýin we parasatly pikir ýöredýändigine hem-de batyrgaý we çalt hereket edýändigine ençeme gezek

aýdyň göz ýetirdi. Döwlet Baştutanymyzyň her bir ädimi dünýä arenasynda anyk başlangyçlar we taslamalar bilen berkidilýär. Italiýa bilen gatnaşyklar hem munuň aýdyň subutnamasy bolup biler. Häzir şol gatnaşyklar hil taýdan täze derejä çykarylýar. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow şunuň bilen baglylykda açylýan mümkinçilikler barada türkmen-italýan biznes-forumynda jikme-jik durup geçdi. Rimiň ajaýyp gadymy köşkleriniň biri—Palasso Kolonna köşgünde geçirilen bu forum Türkmenistanyň we özara bähbitli Hyzmatdaşlygyň giň mümkinçilikleriniň tanyşdyrylyşyna öwrüldi. Türkmen Lideriniň çykyşy duşuşyga gatnaşyjylarda—esasy Italýan kompaniýalarynyň ýolbaşçylarynda uly gyzyklanma döretdi. Şol çykyş häzirki zaman Türkmenistanyň ykdysady potensialy we dürli ugurlar boýunça netijeli Hyzmatdaşlygyň perspektiwalary barada doly düşünje almaga mümkinçilik berdi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýygnananlaryň —Italiýanyň birnäçe ministrlikleriniň, beýleki döwlet düzümleriniň wekilleriniň, diplomatlaryň, iri korporasiýalaryň, esasy Ýewropa banklarynyň we kompaniýalarynyň ýolbaşçylarynyň öňünde çykyş edip, Türkmenistanyň seçip alan ösüş ýoluny anyk häsiýetlendirdi. Türkmenistanyň dünýä üçin açyklygy, ylmy-tehniki progres, durmuş abadançylygy ýurdumyzyň dünýä bileleşiginde mynasyp orun eýelemegini kepillendirýär. Şundan ugur alnyp, ähli ugurlarda, ykdysadyýetde, şeýle hem gumanitar ulgamda — bilimde, ylymda, medeniýetde halkara gatnaşyklary çuňlaşdyrylýar we giňeldilýär.

Ýurdumyzyň bu pozisiýasy foruma gatnaşýanlarda uly seslenme döretdi. Foruma gatnaşyjylaryň düzümi hem Ýewropanyň işewürleriniň Türkmenistan bilen ysnyşykly we netijeli gatnaşyklary ýola goýmaga ägirt uly gyzyklanma bildirýändigine şaýatlyk edýär. Biznes-foruma gatnaşyjylaryň käbiriniň atlaryny sanap geçeliň, olaryň arasynda «ENI»,

«Edison», «Teknimont», «Bonatti», «Fiat» ýaly meşhur kompaniýalar, Italiýanyň döwlet demir ýoly, «Ferrero», «Pirelli», «Italsement», Gämi gurluşyk werfleriniň maliýe jemgyýeti, «Benetton», «RAI Interneşnl», «Ýunikredit grupp», «Alena Aeronawtika», «WASS», «Seleks kommýunikeýşns», «MBDA» we energetika, oba hojalygy, azyk we dokma senagaty, gurluşyk, ulag, telekommunikasiýalar, bank-maliýe ulgamlarynda, aerokos-monawtika babatda yöriteleşdirilen beýleki kompaniýalar bar.

Bularyň ählisiniň simwoliki manysy bardyr, çünki Beýik Ýüpek ýolunyň bir bölegi bolmak bilen Türkmenistan asyrlaryň dowamynda bütin dünýäde özüniň ahalteke bedewleri, sünnälenip dokalan halylary, köp sanly tebigy baýlygy bilen meşhur bolupdyr. Täze taryhy eýýamda Ýewraziýa gihişliginde giň territoriýada ýerleşip, Türkmenistan Gündogar bilen Günbataryň arasyndaky baglanyşdyryjy halka bolmagynda galmagyny dowam etdirýär, ýüzlerçe ýyllar mundan öň bolşy ýaly, dünýäniň çalt depginler bilen ösýän döwletleriniň biri hökmünde erkin, deňhukukly we özara bähbitli halkara hyzmatdaşlygy üçin ygtybarly köpri bolup hyzmat edýär.

Gürrüňsiz, Rimde «Gündogaryň dogup barýan ykdysady ýyldyzy» diýlip atlandyrylan ýurduň milli Lideriniň Günbataryň esasy döwletleriniň birine—Italiýa bolan resmi sapary dünýäniň bu iki bölegini has-da ýakynlaşdyrdy. Bu saparyň ägirt uly ähmiýeti hem şundadyr.

2009-njy ýylyň 25-nji noýabrynda, günüň birinji ýarymynda türkmen döwletiniň Baştutanynyň kabulhanasy ýerleşen «Westin Ekselsior» kaşaň myhmanhanada hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň meşhur Ýewropa kompaniýalarynyň—Belgiýanyň“ENEX”, Italiýanyň “Finmekanika”, “ENI” kompaniýalarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklary boldy.

Günüň ikinji ýarymynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Italiýanyň Ministrler Geňeşiniň

binasyna bardy. Bu ýerde türkmen Liderini Italiýa Respublikasynyň Premýer-ministri Silwio Berluskoni mähirli garşylady. Türkmen döwletiniň Baştutanyna ähli degişli hormatlar bildirildi.

Belent mertebeli türkmen myhmanyna Italiýa Respublikasyna resmi sapar bilen gelmek baradaky çakylygy kabul edendigi üçin hoşallyk bildirip, Silwio Berluskoni bu duşuşygy döwletara gatnaşyklaryny ösdürmegiň taryhynda täze möhüm baby alamatlandyrýar diýip belledi. Italiýanyň Türkmenistan bilen doly möçberli hyzmatdaşlygy ýola goýmaga hyjuwlydygyny aýdyp, Premýer-ministr şu günki gepleşikleriň özara bähbitli Hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemäge hem-de oňa taraplaryň bähbitlerine we häzirki döwrüň ýagdaýlaryna gabat gelýän täze depgini çaýmaga mümkinçilik berýändigine ynam bildirdi.

Türkmenistanyň Prezidenti mähirli kabul edişlik we myhmansöýerlik üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirip, türkmen-italýan gatnaşyklarynyň perspektiwalary we onuň uly potensialy netijeli gatnaşyklary giňeltmek we diwersifikasiýalaşdyrmak üçin örän oňaýly şertleri döredýändigini aýtdy. Türkmenistan Italiýany öz dosty we ygtybarly işewür hyzmatdaşy hasaplaýar, onuň bilen geljekde hem işjeň hyzmatdaşlyk etmekçidir diýip, türkmen Lideri aýtdy.

Duşuşygyň barşynda taraplar türkmen-italýan hyzmatdaşlygyna degişli meseleleriň giň toparyny ara alyp maslahatlaşyp, onuň ileri tutulýan ugurlaryny anykladylar. Özara gatnaşyklaryň geljegi uly bolan ugurlarynyň hatarynda şu aşakylar görkezildi:

- söwda-ykdysady ulgamy
- ýangyç-energetika toplumy
- senagat sektory
- ulag we kommunikasiýa
- oba hojalygy

- syýahatçylyk industriýasy

Gumanitar ugurda gatnaşyklaryň möhümdigini aýdyp, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow we Silwio Berluskoni Türkmenistan bilen Italiýanyň arasynda medeni we ylym-bilim gatnaşyklaryny berkitmek we giňeltmek barada pikir alyşdylar. Söňbetdeşler şeýle hem özara gyzyklanma bildirilýän sebit we halkara syýasatynyň möhüm meseleleriniň birnäçesi boýunça pikir alyşdylar.

Soňra gepleşikler Türkmenistanyň we Italiýa Respublikasynyň hökümet delegasiýalarynyň agzalarynyň gatnaşmagynda giňeldilen düzümde dowam etdirildi.

Italiýanyň Premýer-ministri belent mertebeli myhmany we türkmen de-legasiýasynyň agzalaryny ýenede bir gezek tüýs ýürekden mübärekläp, şu sapar netijeli ikitaraplaýyn gatnaşyklary işjeňleşdirmäge täze itergi berer diýip ynam bildirdi, munuň üçin örän giň perspektiwalar we mümkinçilikler bar.

Bu babatda Silwio Berluskony gepleşikleriň barşynda hökümetara türkmen-italýan toparyny döretmek hakynda türkmen Lideriniň aýdan teklibini doly goldaýandygyny aýtdy, şol toparyň işi bolsa hyzmatdaşlyk etmek meselelerine we onuň anyk ugurlaryna göwnejaý çemeleşmeleri işläp taýýarlamaga gönükdiriler.

Italiýanyň Premýer-ministri köpugurly hyzmatdaşlygy ýola goýmak temasyny dowam etdirip, täze şäherleri döretmek maksatnamasyna, şol sanda häzirki wagtda Türkmenistanda öz ösüşine eýe bolan zerur ähli infrastrukturany kemala getirmäge uly gyzyklanma bildirdi. Silwio Berluskoni Italiýanyň şähergurluşygy pudagynda ep-esli tejribesiniň bardygyny belläp, öz ýurdunyň bu tejribäni türkmen hyzmatdaşlaryna bermäge, professional kadrlary taýýarlamakda ýardam etmäge, şeýle hem Türkmenistana öz hünärmenlerini ibermäge taýýardygyny beýan etdi.

Italiýanyň Premýer-ministri häzirki wagtda Türkmenistanda uly ösüşe eýe bolan syýahatçylyk pudagyny

hem netijeli özara gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda görkezdi. Italiýanyň hökümetiniň baştutany bu barada söz açyp, Hazaryň kenarynda halkara derejesindäki deňiz şypahanasy bolan «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny döretmek baradaky taslamanyň uly geljeginiň bardygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda Silwio Berluskoni Türkmenistana teležurnalistleriň toparyny ibermäge taýýardygyny beýan etdi, olar soňra Italiýada görkezmek üçin bu ýurt hakynda filmi surata düşürip bilerler. Şol film Italiýanyň işewür toparlary üçin Türkmenistanyň, onuň ykdysady potensialynyň we özara peýdaly hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň mümkinçilikleriniň kuwwatly mahabatlandyrmasy bolup biler.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň diplomatik derejede döwletara gatnaşyklaryny mundan beýläk-de giňeltmegiň zerurdygy baradaky pikirini goldap, Silwio Berluskoni Türkmenistanda Italiýa Respublikasynyň Ilçihanasyny, Italiýada bolsa Türkmenistanyň Ilçihanasyny açmagyň perspektiwasy hakynda aýtdy, munuň özi hem döwletara gatnaşyklaryny işeňňirleşdirmäge hyzmat eder.

Italiýanyň Premýer-ministri häzirki wagtda Türkmenistanyň Ýewropa Bileleşigi bilen, şeýle hem beýleki abraýly halkara guramalary, şol sanda ÝHHG bilen konstruktiw gatnaşyklary üstünlikli ösdürýändigi barada söz açyp, soňky ýyllarda bu gatnaşyklaryň hil taýdan täze mazmuna eýe bolandygyny belledi.

Italiýanyň hökümetiniň baştutany doly möçberli hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin ähli mümkinçilikleriň bardygy barada türkmen Lideriniň aýdan pikiri bilen doly razylaşýandygyny nygtap, iri italýan biznesiniň geljegi uly türkmen bazaryna ägirt uly gyzyklanma bildirýändigini ýene-de bir gezek tassyklady.

Italiýa Respublikasyna gelmäge çakylyk hem-de türkmen delegasiýasynyň netijeli işlemegi üçin döredilen oňaýly şertler

üçin Silwio Berluskona minnetdarlyk bildirip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanda bu sapara iki ýurduň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň taryhynda hil taýdan täze tapgyr hökmünde garaýarlar diýip belledi. Türkmen-italýan gatnaşyklarynyň ilki bilen deňhukukly, birek-birege hormat goýmak häsiýetine eýe bolup durýandygy hem-de netijeli özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilendigi biziň üçin möhümdir diýip, türkmen Lideri aýtdy.

Türkmenistan we Italiýa syýasy, söwda-ykdysady, medeni-gumanitar ugurlarda özara gatnaşyklaryň oňyn tejribesine eýedir diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow sözüni dowam etdirdi. Şeýle hem häzirki döwrüň möhüm meseleleri boýunça özara düşünişmegiň gazanylan ýokary derejesi ikitaraplaýyn gatnaşyklary üstünlikli ösdürmegiň binýatlaýyn faktory hökmünde çykyş edýär diýip, milli Liderimiz belledi. Şunuň bilen baglylykda türkmen döwletiniň Baştutany Italýan tarapyna Türkmenistanyň daşary syýasy başlangyçlaryny goldaýandygy üçin minnetdarlyk bildirdi. Şol başlangyçlar global howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmek, hususan-da, öňüni alyş diploma-tiýasynyň dawalaryň öňüni almagyň mehanizminiň halkara-hukuk esaslaryny döretmek boýunça umumy tagallalaryň birleşmegine gönükdirilendir. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň başlangyjy boýunça 2007-nji ýylyň dekabrynda ştab-kwartirasy Aşgabatda ýerleşýän BMG-niň Merkezi Aziýada öňüni alyş diploma-tiýasy boýunça Sebit merkezi döredildi. Şeýle hem Türkmenistanyň başlangyjy boýunça 2008-nji ýylyň dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara Hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty» hakynda Re-zolýusiýa kabul edildi. Bu resminama global we sebit derejelerinde energiýa üpjünçiligini

kepillendirmegiň ulgamyny döretmegiň ýolunda dünýäde ilkinji ädimleriň biri boldy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň agzasy bolan Italiýa Respublikasynyň gatnaşyklary barada aýratyn durup, Italiýanyň we ÝB-niň eýeleýän işjeň pozisiýasy Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi Aziýa ýurtlary barada Strategiýasyny amala aşyrmak üçin möhüm ähmiýete eýedir diýip belledi. Şunda iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklar köp babatda Türkmenistan—ÝB gatnaşyklaryny işjeňleşdirmäge ýardam eder. Şeýle perspektiwa anyk we berk binýada eýedir diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow sözüni dowam etdirdi. Ýurtlaryň ikisi-de: Türkmenistan Aziýada, Italiýa bolsa Ýewropada ýerleşip, amatly geosyýasy we ykdysady ýagdaýa eýedir, öz ýakyn goňşulary bilen oňat gatnaşyklary saklaýarlar we ösdürýärler, bu bolsa öz nobatynda Aziýa we Ýewropa döwletleriniň arasynda konstruktiw hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin onaýly şertleri döredýär.

Türkmen Lideri iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň ýokary derejesi söwda-ykdysady aragatnaşyklaryň okgunly ösüşinde öz beýanyny tapýar diýip, Italiýanyň Türkmenistanyň iri daşary söwda hyzmatdaşy bolup durýandygyny belledi. Mysal üçin, Italýan kompaniýalarynyň birnäçesi milli ykdysadyýetimiziň esasy pudaklarynda we sosial pudakda bilelikdäki taslamalary amala aşyrýarlar. 2008-nji ýylda Türkmenistan bilen Italiýanyň arasyndaky haryt dolanyşygynyň möçberi 1 milliard 524 million amerikan dollaryna barabar boldy. Şu jähtden hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow netijeli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de çuňlaşdyrylmagyna diňe bir importyň we eksportuň nomenklaturasy däl, eýsem, peýdaly düýpli maýa goýumlar ugurlarynyň hem diwersifikasiýalaşdyrylmagyny göz öňünde tutýan maýa goýum taslamalary ýardam eder diýip ynam bildirdi. Iri maýa goýumlaryny, iň öňdebaryjy tehnologiýalary

çekmäge, Italiýada öndürilen, dünýä standartlaryna laýyk gelýän häzirki zaman tehnikasynyň we enjamlarynyň getirilmegine gyzyklanmak bilen, Türkmenistan özi tarapyndan Italiýa nebithimiýanyň we nebiti gaýtadan işlemegiň önümlerini eksport etmegi düýpli artdyrmak bilen bir hatarda eksport edilýän harytlaryň, şol sanda dokma önümleriniň, mineral çig malyň we beýleki önümleriň görnüşlerini giňeldip biler.

Türkmen Lideri häzirki wagtda Türkmenistanda daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň işlemekleri üçin amatly şertleriň döredilendigini belläp, Italýan kompaniýalarynyň bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmäge gyzyklanýandygyny makullady. Italýan maýa goýumlary Türkmenistanyň ýangyç-energetika senagatyny we ulag-kommunikasion infrastrukturasyny mundan beýläk-de döwrebaplaşdyrmakda möhüm orny eýeläp biler, ol täze senagat we önümleri gaýtadan işleýän kärhanalaryny, ulag desgalaryny gurmak baradaky tekliplere garamaga taýýardyr diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow aýtdy.

Türkmenistanyň Prezidenti italýan hyzmatdaşlary milli syýahatçylyk industriýasyny ösdürmäge gatnaşmaga hem çagyrdy. Hazaryň türkmen kenaryndaky «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy onun depginli ösüşiniň simwolydyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow şeýle duşuşyklaryň netijeliligini belläp, ikitaraplaýyn biznes-forumlar hem özara peýdaly işewür gatnaşyklary giňeltmäge ýardam edýär diýdi. Türkmen Lideri ikitaraplaýyn gatnaşyklary mundan beýläk-de işjeňleşdirmek üçin täsirli gural hökmünde ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara toparyny döretmegiň ähmiýeti hakynda söz açyp, iki ýurduň paýtagtlarynda Italiýanyň we Türkmenistanyň söwda wekilhanalaryny bilelikde açmak hakyndaky meselä garamagy teklip etdi.

Türkmenistanyň Prezidenti ýokary derejedäki yzygiderli gatnaşyklary ýola goýmagy, hökümet düzümleriniň we diplomatik gulluklaryň bilelikdäki işini üstünlikli ösdürmegi özara türkmen-italýan gatnaşyklarynyň möhüm şertidir diýip atlandyrdy. Şunuň bilen baglylykda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow yzygiderli esasda ikitaraplaýyn daşary işler ministrlikleriniň arasyndaky konsultasiýalary dowam etdirmegiň zerurdygyny belledi, munuň özi hyzmatdaşlyk etmegiň anyk ugurlaryny kesgitlemäge we häzirki döwrüň has möhüm problemalary boýunça pikir alyşmaga mümkinçilik berer.

Türkmenistanyň Prezidenti türkmen-italýan medeni-gumanitar aragatnaşyklary çuňlaşdyrmagyň ileri tutulýan ähmiýetini nygtap, ylym we amaly barlaglar babatda netijeli özara gatnaşyklary ýola goýmak barada aýtdy. Aşgabatda bilelikdäki ylmy-barlag merkezini döretmek hakyndaky ideýany öňe sürdi. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň aýdyşy ýaly, Italýan hyzmatdaşlarymyzyň tejribesi ýokary tehnologiki ugurlarda, şol sanda elektron senagaty, kompýuter we maglumatlar tehnologiýalary ugurlarynda türkmen hünärmenlerini taýýarlamak hem-de olaryň hünärini ýokarlandyrmak babatda ulanylyp bilner. Biz bilim maksatnamalarynyň, şol sanda ykdysadyýetiň möhüm ugurlary, menejment we sosial ugur boýunça ýokary hünärli işgärleri taýýarlama-gyň çäklerini giňeltmegi hem maksat edinýäris diýip, türkmen döwletiniň Baştutany aýtdy. Şunda medeniýet babatda türkmen-italýan gatnaşyklaryny giňeltmek hem möhümdir.

«Galiony» zalynda Türkmenistanyň Prezidentiniň we Italiýanyň Premýer-mi-nistriniň gatnaşmagynda giňişleýin düzümde gepleşikler tamamlanandan soň, ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy.

Hususan-da, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Nebitgaz serişdelerini dolandyrmak we peýdalanmak baradaky

döwlet agentliginiň we «ENİ S.p.A.» kompaniýasynyň arasynda Özara Düşünişmek Hakynda Ähtnama gol çekildi.

Gepleşikleriň jemleri boýunça Bilelikdäki türkmen-italýan maglumaty kabul edildi.Gol çekmek dabarasy tamamlanandan son, Türkmenistanyň Prezidenti we Italiýa Respublikasynyň Premýer-ministri metbugat üçin ýüzlenme bilen çykyş etdiler.

Silwio Berluskoni habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň öňünde çykyş edip, türkmen-italýan hyzmatdaşlygynyň uly perspektiwalarynyň bardygyny nygtady, olary bolsa taraplar mundan beýläk-de berkitmegi we giňeltmegi meýilleşdirýärler diýip aýtdy. Hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary barada aýdyp, Italiýanyň Premýer-ministri olaryň hatarynda iki ýurduň ykdysadyýeti üçin binýatlaýyn pudak bolan oba hojalygyny görkezdi. Möhüm resminamalaryň toplumyna gol çekmek bilen tamamlanan gepleşikleriň netijelidigini nygtap, Silwio Berluskoni türkmen-italýan gatnaşyklarynyň, şeýle hem häzirki döwrüň halkara syýasatynyň möhüm meseleleri boýunça düýpli pikir alşyldy diýip belledi. Italiýanyň Premýer-ministriniň aýdyşy ýaly, hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin örän uly mümkinçilikler bar, olar bolsa ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň mundan beýläk-de üstünlikli bol-magynyň girewidir.

Şunuň bilen baglylykda Silwio Berluskoni ýakyn wagtlarda Aşgabatda we Rimde Italiýa Respublikasynyň we Türkmenistanyň Ilçihanalarynyň açyljakdygyny habar berdi

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow žurnalistlere ýüzlenip, ikitaraplaýyn gatnaşyklara mahsus bolan açyklyk, özara ynanyşmak we düşünişmek ýagdaýynda geçen konstruktiw gepleşikler üçin italýan tarapyna tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, gepleşikleriň barşynda türkmen-italýan Hyzmatdaşlygynyň ýagdaýy we geljegi, sebitleýin we halkara syýasatynyň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy, resminamalaryň birnäçesine

gol çekildi, mundan beýläk-de özara gatnaşyklaryň anyk ugurlary kesgitlenildi.

Halkara durmuşynyň möhüm meseleleriniň köpüsi boýunça Türkmenistanyň we Italiýanyň pozisiýalary gabat gelýär ýa-da mehzeşdir diýip nygtap, türkmen Lideri syýasy gatnaşyklaryň çuňlaşdyrylmagyny global ösüşiň ilkinji nobatdaky meseleleri boýunça dünýä arenasynda taraplaryň netijeli hyzmatdaşlygynyň möhüm faktory hökmünde görkezdi. Şeýle hyzmatdaşlygyň mysallarynyň biri hökmünde Türkmenistanyň energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly ibermegi üpjün etmek boýunça başlangyjynyň awtordaşy bolup çykyş etmek bilen Italiýanyň ony goldandygyny görkezmek bolar.

Şu gezekki saparyň Türkmenistan— Ýewropa Bileleşigi gatnaşyklarynyň işjeňleşýän wagtynda amala aşyrylýandygyny belläp, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Ýewropa ugrunyň türkmen döwletiniň daşary syýasat strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda türkmen-italýan hyzmatdaşlygy ÝB-niň maksatnamalarynyň we taslamalarynyň çäklerindäki bilelikdäki işlere ýardam eder.

Türkmenistan we Italiýa öz syýasatyny parahatçylyk söýüjilik, deňhukuklylyk we beýleki döwletleriň içerki işlerine gatyşmazlyk ýörelgelerinde gurýar we geçirilen gepleşikler iki ýurduň halkara syýasatynyň şu binýatlaýyn ýörelgelerine ygrarlydygyny tassyklady diýip, türkmen Lideri aýtdy. Şunda döwlet Baştutany Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň mizemez binýady hökmünde onuň Bitaraplyk derejesiniň çykyş edýändigini nygtady.

Türkmen-italýan hyzmatdaşlygy giň perspektiwalara we uly mümkinçiliklere eýedir diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow aýtdy we gazanylan ylalaşyklar ikitaraplaýyn gatnaşyklary mundan beýläk-de çuňlaşdyrmaga goşmaça itergi berer diýip ynam bildirdi. Şu maksatlar bilen

ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-italýan hökümetara toparyny döretmek, şeýle hem Aşgabatda we Rimde iki ýurduň söwda wekilhanalaryny açmak hakyndaky meselelere garaldy. Hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary barada aýdylanda bolsa, taraplar olaryň hatarynda ykdysadyýetde, ýangyç-energetika sektorynda, telekommunikasiýa sferasynda, dokma pudagynda gatnaşyklary ösdürmegi we giňeltmegi görkezdiler.

Şeýle hem biz medeni-gumanitar gatnaşyklary ösdürmek barada ylalaşyk gazandyk, şunda ýokary tehnologiýalar ulgamynda bilelikdäki barlaglary geçirmk, professional kadrlary taýýarlamak we hünärmenleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak ýaly ugurlara aýratyn üns berildi diýip, Türkmenistanyň Prezidenti aýtdy.

Öz çykyşynyň ahyrynda, türkmen döwletiniň Baştutany Italiýanyň dostlukly halkyna parahatçylyk we rowaçlyk arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow we Silwio Berluskoni metbugat konferensiýasy tamamlanandan soň, «Galioni» zalyndan ugradylar.

Belent mertebeli türkmen myhmanynyň hormatyna Italiýanyň Premýer-ministri dabaraly günortanlyk naharyny berdi. Kabul edişlik tamamlanandan soň, türkmen Lideri we Italiýa Respublikasynyň Hökümetiniň baştutany birek-birek bilen mähirli hoşlaşyp, döwletara gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

Türkmenistanyň Prezidenti Italiýanyň Ministrler Geňeşiniň binasyndan çykyp, «Westin Ekselsior» naýbaşy myhmanhanasynda ýerleşen öz kabulhanasyna gaýdyp geldi. Şu myhmanhananyň interýerleriniň bezegleriniň biriniň gadymy türkmen halylary bolandygy buýsançlydyr, şol ýerde belent mertebeli myhmanlary kabul etmek üçin ähli şertler döredilipdir. Mälim bolşy ýaly, türkmen halyçylarynyň deňsiz-taýsyz ussatlygy we zähmetsöýerligi bilen döredilen halylar

öňräkden bäri Ýewropada, şol sanda Italiýada hem uly şöhrata eýedir.

Günüň ikinji ýarymynda Italiýa Respublikasyna resmi saparyň çäklerinde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Italiýanyň parlamentine bardy, şol ýerde Deputatlar Palatasynyň Başlygy Janfranko Fini bilen duşuşdy. Mälim bolşy ýaly, Italiýanyň parlamenti iki palataly kanunçylyk edarasydyr, saýlanan parlamentarileriň 945-si onuň düzümine girýär.

Janfranko Fini belent mertebeli myhmany mähirli gutlap, dünýäniň has dep-ginli ösýän döwletleriniň hataryna okgunly giren ýurt bolan Türkmenistanyň Prezidenti bilen tanyşmaga tüýs ýürekden şatdygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda Deputatlar Palatasynyň Başlygy uzak möhletli özara peýdaly esasda guralýan türkmen-italýan hyzmatdaşlygynyň mundan beýläkde üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow mähirli sözler we myhmansöýerlik üçin minnetdarlyk bildirip, Italiýanyň Premýer-ministri bilen geçirilen gepleşikleriň ýokary netijeliligini kanagatlanmak bilen belledi, şol gepleşikler gürrüňsiz suratda döwletara gatnaşyklary täze, özara bähbitlere we häzirki döwrüň reallyklaryna laýyk gelýän derejä çykarmaga mümkinçilik berer.

Duşuşygyň barşynda Janfranko Fini öz belent mertebeli myhmanyny Deputatlar Palatasyndan we Senatdan ybarat bolan Italiýanyň milli parlamentiniň taryhy hem-de işiniň esasy ugurlary bilen tanyşdyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hem Türkmenistanyň milli parlamentiniň—Mejlisiniň täze taryhy tapgyrda ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryny nazara almak bilen kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmäge gönükdirilen işini gysgaça häsiýetlendirdi. Öňde goýlan wezipeleriň möhümdigini nazara almak bilen soňky ýyllarda Mejlisiň deputatlar düzüminiň we wezipeleriniň

ep-esli giňelendigi, Türkmenistanda amala aşyrylýan giň möçberli özgertmelere hem-de reformalara täze depgin berjek möhüm Kanunlaryň birnäçesiniň we beýleki kadalaşdyryjy namalaryň kabul edilendigi bellenildi.

Duşuşygyn barşynda söňbetdeşler Türkmenistan bilen Italiýanyň arasyndaky netijeli Hyzmatdaşlygyň geljegi hakynda pikir alşyp, ony okgunly ösdürmäge iki ýurduň hem taýýardygyny nygtadylar. Bu babatda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow we Janfranko Fini döwletara gatnaşyklarynyň möhüm faktory hökmünde türkmen-italýan parlamentara aragatnaşyklaryny pugtalandyrmak baradaky pikiri aýtdylar.

Fransiýa Respublikasy hem Türkmenistanyň Ýewropa Bilelesiginiň çägindäki hyzmatdaşlyk edýän döwletleriniň biri. Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda türkmen-fransuz hyzmatdaşlygy barha täze sepgitlere çykýar.

Hormatly Prezidentimiz 2010-njy yylyň 7- nji ýanwarynda Senator, Fransiýa Respublikasynyň Prezidentiniň Fransiýa bilen Merkezi Aziýanyň arasyndaky syýasy hem-de ykdysady gatnaşyklary ösdürmek boyunça wekili jenap Aýmeri de Monteskýu Fezensagy kabul etdi. Duşuşykda Turkmenistan bilen Ýewropa Bilelesiginiň arasynda ýola goýlan hyzmatdaşlyklary has-da giňeltmäge taraplaryň ikisiniň hem uly gyzyklanma bildirýändikleri bellenildi. Duşuşygyň barşynda Aýmeri de Monteskýu Fezensak Türkmenistan bilen gatnaşyklary ösdürmäge Fransiýanyň uly gyzyklanma bildirýändigini mälim etdi. Myhman duşuşygyň barşynda öz yurdunyň Prezidenti Nikolýa Sarkozinň Fransiýa iş sapary bilen gelmek baradaky çakylygyny gowşurdy. 2010-njy ýylyň 22-nji ýanwarynda bolsa hormatly Prezidentimiz Fransiýanyň Türkmenistanda täze bellenen Adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçisi Pyer Lebowigi kabul etdi. Milli Liderimiz birek-birege hormat goýmak, deňhukuklylyk we syýasy, ykdysady hem-de gumanitar ugurlarda özara peýdaly

hyzmatdaşlyk ýörelgelerinde guralýan türkmen-fransuz gatnaşyklarynyň däp bolan dostlukly häsiýetini nygtady. Ikitaraplaýyn gatnasyklaryň ileri tutulýan ugurlary hökmünde söwda, ykdysady we medeni-gumanitar pudaklar bellenildi. Yokary tehnologiýalar babatda, telekommunikasiýalar ulgamynda we beýleki birnäçe ugurlarda, aýratyn-da bilim we hünärli kadrlary taýýarlamak babatda özara ýakyndan hyzmatdaşlyk etmek mümkinçiliklerine garaldy.

Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda alnyp barylýan daşary syýasatyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem Ýewropa Bileleşiginiň döwletleri bilen özara bähbitli we deňhukukly gatnaşyklaryny mundan beyläk-de hemmetaraplaýyn ösdürmekden we çuňlaşdyrmakdan ybarat bolup durýar. Türkmenistanyň Ýewropa yklymynyň döwletleri bilen özara gatnaşyklarynyň düýpli ýörelgeleri hökmünde, ilkinji nobatda, parahatçylygy we durnuklylygy berkitmek, dostlukly gatnaşyklary ähli ugurlar boýunça ösdürmekden, söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmek, şeýle hem medeni-gumanitar gatnaşyklaryny hemmetaraplaýyn çuňlaşdyrmak bolup durýar. Türkmenistanyň Prezidenti Ýewropa ýurtlary bilen netijeli aragatnaşyklar ýola goýlanda täze mümkinçilikleriň öwrenilmegine aýratyn möhüm we zerur mesele hökmünde ünsi çekýär. Türkmenistanyň we Ýewropa döwletleriniň biri bolan Fransiýa Respublikasynyň özara gatnaşyklaryny halkara hyzmatdaşlygyň giň möçberli ugurlary boýunça ösdürmek babatda uly mümkinçilikler bar.

Fransiýa dünýäniň senagat taýdan iň ösen ýurtlarynyň biri bolmak bilen, häzirki zaman infrastrukturasyna we ýokary önümçilikli oba hojalygyna eýedir. Maşyn gurluşygy, himiýa, awtomobil, awiakosmiki, radioelektron, elektrotehnika, informatika, gämi gurluşygy, metallurgiýa, maşyn çykaryş, dokma, oba hojalyk we azyk senagatlary ýurduň ykdysadyýetiniň esasy pudaklary bolup durýar. Fransiýa eksportyň möçberleri boýunça, ilkinji nobatda, ýokary

tehnologiýaly önümçiligiň hasabyna öňdäki hatarlarda durýar. Şeýle hem bu döwletde sazlaşykly maýa goýum syýasaty alnyp barylýar we ol ykdysadyýetiň uly geljegi bolan ugurlaryna gönükdirilendir.

Fransiýanyň daşary syýasatynyň strategiýasy özbaşdak we köpugurly syýasata esaslanýar. Birleşen Milletler Guramasynyň Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzasy bolmak bilen, Fransiýa BMG-ä halkara gatnaşyklarynda köptaraplaýyn ýörelgeleriň we halkara hukuk tertiplerinin berkidilmeginde esasy gurama hökmünde garaýar. Ýewropa Bileleşiginiň, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Demirgazyk Atlantika şertnamasy Guramasynyň çäklerindäki ýewroatlantika giňişliginde howpsuzlygy berkitmek babatyndaky toplumlaýyn çäreleri amala aşyrmakda Fransiýanyň işjeň hereketleri bu döwletiň halkara arenasyndaky syýasatynyň ileri tutulýan ugrydygyna şaýatlyk edýär.

Turkmenistan we Fransiýa Respublikasy özara diplomatiki aragatnaşyklaryny 1992-nji yylyň 6-njy martynda ýola goýdy. Ýakyn hyzmatdaşlyk döwründe dürli ugurlar boýunça oňyn tejribe gazanyldy. Türkmenistan we Fransiýa dostlukly we deňhukukly gatnaşyklaryň öňden gelýän däplerine eýermek bilen, ikitaraplaýyn we abraýly halkara guramalarynyň çäklerinde köptaraplaýyn formatda hem strategiki häsiýetli ýakyn hyzmatdaşlygyň mundan beýläk hem ösmegine we berkidilmegine ymtylýarlar. Esasan hem Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň syýasy dialogynyň has-da işjeňleşýän döwründe türkmen-fransuz gatnaşyklary aýratyn mana eýe bolýar. Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň ilkinji yyllarynda iki döwletiň özara ilçileri alyşmak derejesinde diplomatiki gat-naşyklarynyň ösdürilmegi döwletara gatnaşyklarynyň ýokary bolmagyna şaýatlyk edýär. Geçen yyllaryň dowamynda türk-men-fransuz gatnaşyklarynyň ygtybarly halkara-hukuk binýady döredildi we ol dostlugyň we deňhukukly gatnaşyklaryň esasy bolup hyzmat edýär. Şunuň bilen baglylykda, 1994-nji yylyň

aprelinde Aşgabatda gol gekilen Özara düsünişmek, dostluk we hyzmatdaşlyk baradaky şertnama aýratyn ähmiýetli orun tutýar.

Türkmen-fransuz gatnaşyklarynyň soňky döwürlerde has isjeň häsiýete eýe bolmagy, aýratyn hem, sosial-syýasy aragatnaşyklary we ykdysadyýetiň çäklerinde ösdürilmegi iki tarapyň hem döwletara hyzmatdaşlygynyň hemmetaraplaýyn güýçlendirilmegi ugrunda ymtylýandygyna şaýatlyk edýär. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynyň okgunly, durnukly we ygtybarly ösmegi, şeýle hem kadaly durmuşyň dowam etdirilmegi fransuz hyzmatdaşlarymyzyň biziň döwletimiz bilen gatnaşyklary ösdürmäge bolan gyzyklanmalarynyň esaslaryny döredýär. Olar häzirki döwürde biziň döwletlerimizde gurluşyk we aragatnaşyk, ýokary tehnologiýalary ornaşdyrmak, ylym we bilim ulgamlarynda işjeň hyzmatdaşlygy alyp barýarlar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň türkmen-fransuz gatnaşyklaryny giňeltmäge we çuňlaşdyrmaga aýratyn üns bermegi Türkmenistanyň we Fransiýanyň üstünlikli hyzmatdaşlygynyň esasyny düzýär. Türkmen döwletiniň Baştutany soňky döwürde Fransiýanyň hökümet wekiliýetleriniň Baştutanlaryny Aşgabatda kabul etdi we bu biziň ýurtlarymyzyň dürli derejelerdäki ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň çaltlaşmagyna oňaýly täsirini ýetirdi. Türkmenistanyň Prezidenti 2008-nji ýylyň 10-njy aprelinde Ýewropa Bileleşiginiň «üçlüginiň» we Merkezi Aziýa döwletleriniň dasary syýasy edaralarynyň Baştutanlarynyň Aşgabatdaky duşuşygyna gatnaşmak üçin gelen Fransiýa Respublikasynyň daşary işler ministri Bernar Kuşneri kabul etdi. Özara pikir alyşmagyň dowamynda taraplar netijeli hyzmatdaşlygyň geljekki ösüşlerini ara alyp maslahatlaşdylar. Olar özara bähbitli hyzmatdaşlygyň ösdürilmeginiň zerurlygyny nygtamak bilen, ýangyç-energetika ulgamyndaky,

saglygy goraýyş, bilim we ylym babatyndaky hyzmatdaşlyga uly üns berdiler.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2010-njy ýylyň 1-nji fewralynda ilkinji resmi sapary bilen Fransiýa Respublikasyna bardy.Şol gün günüň ikinji ýarymynda Pariždäki gadymy Ýeliseý köşgünde, “Ambassador” zalynda iki ýurduň hökümet agzalarynyň gatnaşmagynda Fransiýa Respublikasynyň we Türkmenistanyň Prezidentleriniň arasyndaky ýokary derejedäki gepleşikleri boldy.

Nikolýa Sarkoziniň belleýşi ýaly, bütin dünýäde bolşy ýaly, Fransiýada hem Gurbanguly Berdimuhamedowyň başyny başlan täzeçil reformalaryny üns berip synlaýarlar we gyzgyn makullaýarlar, olaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegi ýurda global dünýä çökgünliligi şertlerinde hem ykdysady ösüşiň ýokary depginlerini saklap galmaga mümkinçilik berýär, munuň özi bolsa Türkmenistany daşary ýurtly hyzmatdaşlar üçin ýene-de has özüne çekiji ýurda öwürýär.

Yewropa Bileleşigi Türkmenistanda başy başlanan iri möçberli özgertmeleri, şeýle hem türkmen Lideriniň yöredýän, parahatçylyksöyüjilik, hoşniyetli goňşuçylyk we häzirki wagtda bütin adamzadyň öňünde duran global problemalary düzgünleşdirmäge iş yüzünde anyk goşant goşmak yörelgelerine esaslanýan syýasatyny çuňňur makullaýar diyip, Fransiýanyň Prezidenti aýratyn nygtady.

Nikolýa Sarkozi Merkezi Aziýanyň geosyýasat giňişliginde möhüm orny eýeleýän, strategiki hyzmatdaş hökmünde depginli ösýän Turkmenistan bilen ygtybarly hyzmatdaşlygy ýola goýmaga öz ýurdunyň örän gyzyklanma bildirýändigini belläp, türkmen Lideriniň Pariže bu sapary hem-de onuň çäklerinde gazanylan ikitaraplaýyn ylalaşyklar bu asylly maksatlara gönüden-göni hyzmat eder, şol ylalaşyklar bolsa deňlik, hormat goýmak we özara peydalylyk ýörelgelerinde guralýan köp ýyllyk hyzmatdaşlygy

işeňňirleşdirmek üçin täze mümkinçilikleri açar diyip umyt bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow myhmansöyerlik içün minnetdarlyk bildirip, öz nobatynda häzirki wagtda köp asyrlyk däpleriň mäkäm esasynda guralýan, şu ýyllaryň içinde ýola goýlan döwletara gatnaşyklarynyň ýokary depginini we netijeliligini kanagatlanmak bilen nygtady. Türkmen Lideriniň aýdyşy ýaly,häzirki wagtda iki ýurduň öz taryhy ösüşiniň täze tapgyrynda üstünlikli hyzmatdaşlygy ilkinji nobatda özara gatnasyklaryň şu ýyllarda toplanan baý tejribesine daýanmak bilen ähli möhüm ugurlarda artdyrmak üçin ähli şertler bar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow deňhukuklylyk, birek-birege hormat goýmak we özara peýdalylyk ýörelgelerinde guralýan hyzmatdaşlyga konstruktiw çemeleşýändigi üçin minnetdarlyk bildirip, pursatdan peydalanyp, Türkmenistanyň öňe sürýän başlangyçlaryny, hususan-da, BMG-niň «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty» hakynda ýörite Rezolýusiýasynda öz beýanyny tapan global energetika howpsuzlygyny üpjün etmek baradaky başlangyjyny goldandygy üçin Fransiýanyň hökümetine minnetdarlyk bildirdi.

Iki dostlukly döwletleriň baştutanlary däp bolan hyzmatdaşlygy düýbünden täze, has ýokary derejä çykarmaga iki tarapyň hem gyzyklanýandygyny tassyklap, uzak möhletli geljegi nazarlap guralýan işewür hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlaryny bellediler. Ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda şu aşakdakylar görkezildi:

1. Ýangyç-energetika sektory
2. Ulag
3. Aragatnasyk,

4. Oba hojalygy we beýleki möhüm pudaklaryň birnäçesi agzaldy.

Söhbetdeşler şähergurluşygy sferasynda özara gatnaşyklara aýratyn üns berdi-ler, bu ýerde şu ýyllaryň içinde hyzmatdaşlygyň oňyn tejribesi toplanyldy. Taraplaryň biragyzdan gelen pikirine görä, elektrik energetikasy we himiýa senagaty babatda hem uly mümkinçilikler açylýar, olary ösdürmäge bolsa Turkmenistan daşary ýurtly hyzmatdaşlary işjeň çekmek bilen aýratyn ähmiyet berýär.

Tutuşlygyna alnanda söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn işeňňirlesdirmek baradaky pikiri aýdyp, Türkmenistanyň we Fransiýanyň Prezidentleri ulgamlaýyn esasda özara gatnaşyklary ösdürmek maksady bilen Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara topary döretmegiň maksada laýykdygyny bellediler.Gumanitar ugurda hyzmatdaşlyk etmek hem döwletara gatnaşyklarynyň möhüm ugry diýlip ykrar edildi. Nikolýa Sarkozi ylym-bilim beriş aragatnaşyklaryny işeňňirleşdirmegiň zerurdygyny nygtap, fransuz tarapynyň Fransiýanyň ýokary okuw mekdeplerinde okaýan türkmen talyplarynyň sanyny artdyrmaga, şeýle hem Türkmenistandan bolan hünärmenleriň hünärini ýo-karlandyrmak üçin hyzmatlary hödürlemekde hemmetaraplaýyn goldaw bermäge taýýardygyny tassyklady. Prezidentler Gurbanguly Berdimuhamedow we Nikolýa Sarkozi gumanitar hyzmatdaslygyň geljegi hakynda pikir alşyp, birnäçe ugurlarda—fransuz dilini öwrenmek babatda, bilelikdäki arheologiýa barlaglary geçirmekde, ýyl-ýyldan giňelýän medeni alyş-çalyşyň çäklerinde her dürli sergileri guramakda mundan beýläk-de özara gatnaşyklaryň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar.

# EDEBIÝAT


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
11. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.

12. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat. 2009.
15. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat. 2009.
16. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
17. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
19. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 15-nji fewraly). – Aşgabat, 2009.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulular

maslahatynda Şözlän sözi (Türkmenabat, 2009-njy ýylyň 6-njy marty). // Türkmenistan. 2009. 9-njy mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). //

Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
28. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde eden Çykyşy (2008-nji ýylyň 16-njy sentýabry). – Aşgabat, 2008.
29. Turkmenistanyň hemişelik bitaraplygy. Syýasy – hukuk dokumentleriniň ỹygyndysy. - Aşgabat, 2005.
30. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
31. Türkmenistanyñ Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow “Türkmenistanyñ ykdysady strategiýasy. Halka daýanyp, halkyñ hatyrasyna”. // Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
32. Türkmenistanyń Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyń Türkmenistanyń Ỳaşulularynyń maslahatynyń mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ỳylyń 14-nji maỳy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maỳ.
33. Пугачев В.П. Основы политологии. М. 1992
34. Политология М, 1996
35. Краткий политический словарь М.1989
36. Мухаев Р.Т. Политология для 10-11 кл. М, 1997
37. Идеологический плюрализм. М, 1988

# Mazmuny

**GIRIŞ** ........................................................................................................ 7
**Tema: XX asyrda hemişelik bitarap institutynyň ösüş taryhy** ................ 9
**Tema: Hemişelik bitarap döwletleriň hukuklary we borçlary** ............. 11
**Tema: II Jahan uruşyndan soňky oňyn bitaraplyk syýasaty we onuň aýratynlygy** ........................................................................................ 13
**Tema: Uruş döwründe bitaraplyk düşünjesiniň ösüş taryhy** ................ 17
**Tema: Uruş döwrindäki bitarap döwletiň esasy hukuklary we borçlary** ...................................................................... 22
**Tema: Türkmenistanyň daşary syýasatynyň Konstitusiýon esaslary** .. 23
**Tema: Täze Galkynyş we beýik Özgertmeler zamanasynda Türkmenistanyň Ýewropa syýasaty** ....................................................... 25